TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– WATAN — BU ŞÖHRATLY PEDERLERIMIZIŇ IŇ GYMMATLY MIRASYDYR. ONUŇ GORAGYNDA SAK DURMAK HER BIR TÜRKMEN PERZENDI ÜÇIN MUKADDES BORÇDUR, BELENT MERTEBEDIR.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

4-nji iýul, 2025. Belgisi 27/1645



# JEMGYÝETIMIZIŇ ASUDALYGY – DÖWLETIMIZIŇ BERKARARLYGY

2-nji iýulda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň şu ýylyň alty aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy. Şeýle hem mejlisiň gün tertibine Garaşsyz Watanymyzda howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, olaryň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen baglanyşykly meseleler girizildi.

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew 2025-nji ýylyň birinji ýarymynda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmek, ýurdumyzyň goranyş ukybyny berkitmek maksady bilen görlen çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, harby gulluga çagyrmak çäresiniň netijeleri, harby gullukçylaryň gulluk we ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada aýdyldy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, Türkmenistanyň goranyş häsiýetli Harby doktrinasy hem-de häzirki zaman talaplary esasynda ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerini kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Baş prokuror B.Muhamedow ýylyň başyndan bäri geçirilen işleriň netijeleri, döwlet Baştutanymyzyň ähli ulgamlarda kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak boýunça ozal beren tabşyryklarynyň berjaý edilişi barada hasabat berdi. Şeýle hem hukuk bozulmalaryna getirýän sebäpleri öz wagtynda aradan aýyrmak maksady bilen görlen anyk çäreler, sanly ulgamy ornaşdyrmak, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak babatda ýerine ýetirilen işler hakynda aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda kanunçylyk namalarynyň ýerine ýetirilişine berk gözegçilik etmegiň, hukuk bozulmalarynyň öňüni almak boýunça geçirilýän işleri yzygiderli dowam etdirmegiň möhümdigini belledi we bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra içeri işler ministri M.Hydyrow ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde şu ýylyň ýanwar – iýun aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini saklamak, paýtagtymyzyň, welaýatlaryň ýollarynda ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, ilatyň arasynda, edaralarda we guramalarda ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryny berjaý etmek boýunça düşündiriş işleriniň geçirilişine uly üns berilýär.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda hukuk tertibini, kanunçylygy üpjün etmek, hukuk hem-de düzgün bozulmalarynyň öňüni almak boýunça içeri işler edaralary tarapyndan alnyp barylýan işleri mundan beýläk hem dowam etdirmegiň zerurdygyny aýtdy. Hormatly Prezidentimiz tomus möwsüminde howanyň gyzmagy bilen baglylykda, ýangyn hadysalarynyň ýüze çykmagynyň öňüni almak ugrunda alnyp barylýan işleri yzygiderli gözegçilikde saklamagyň möhüm ähmiýetini nygtap, ministre bu ugurda anyk tabşyryklary berdi.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde şu ýylyň alty aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, sanly ulgamyň mümkinçiliklerini işjeň ulanmak arkaly kazyýet işini kämilleşdirmek, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem degişli maksatnamanyň ýerine ýetirilişi, kazyýet edaralarynyň işgärleriniň netijeli işlemekleri we göwnejaý ýaşamaklary üçin döredilýän şertler barada aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwletiň we jemgyýetiň bähbitlerini goramak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň wajypdygyny belledi hem-de Ýokary kazyýetiň başlygyna raýatlaryň hukuklarynyň üpjün edilmegini hemişe gözegçilikde saklamagy, kazyýet kararlarynyň ýerine ýetirilişiniň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak boýunça degişli işleri geçirmegi tabşyrdy. ■ 2

# PARAHATÇYLYGY WE YNANYŞMAGY BERKITMEKDE BITARAPLYGYŇ GOŞANDY

***30-njy iýunda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Parlament Assambleýasynyň 32-nji ýyllyk mejlisiniň çäginde Türkmenistanyň Mejlisi Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen bilelikde Portugaliýa Respublikasynyň Porto şäheriniň «Alfandego» kongresler merkeziniň binasynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: parahatçylygy we howpsuzlygy, özara ynanyşmagy gazanmakda dialogyň we bitaraplygyň ýörelgeleri» atly utgaşykly çäre geçirdi.***

Bu çärä Türkmenistanyň Mejlisiniň wekiliýetiniň agzalary, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň wekilleri, ÝHHG-niň Parlament Assambleýasynyň Prezidenti Pia Kauma, baş sekretary Roberta Montella we Merkezi Aziýa boýunça ýörite wekili Farah Karimi, ÝHHG-niň Aşgabatdaky Merkeziniň Başlygy, Ilçi Jon Makgregor, şeýle hem Finlýandiýanyň, Gazagystan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Ermenistan Respublikasynyň, Italiýa Respublikasynyň, Fransiýa Respublikasynyň, Ispaniýanyň, Gollandiýanyň parlamentleriniň we halkara guramanyň wekilleri gatnaşdylar hem-de çykyş etdiler.

Türkmen tarapy çärä gatnaşyjylary hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanyň alyp barýan parahatçylyk söýüjilikli ynsanperwer döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bilen tanyşdyrdy. Türkmenistanyň umumadamzat bähbitlerini nazarlaýan başlangyçlary we bitaraplyk ýörelgeleri parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde, energiýa serişdeleriniň howpsuz üstaşyr geçelgelerini döretmekde, ulag-aragatnaşyk ulgamlarynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde, daşky gurşawyň goragyny we ekologiýa abadançylygyny üpjün etmekde, halklaryň we döwletleriň medeniýetine, däp-dessurlaryna hormat goýmakda, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmekde we bu işde halk diplomatiýasynyň mümkinçiliklerinden peýdalanmakda möhüm ähmiýete eýedigini belledi. Türkmenistanyň «Dialog parahatçylygyň kepili!» diýen ýörelgä eýermek bilen, daşary syýasat işini beýleki döwletleriň çäk bitewüligine, kanunçylygyna hormat goýmak hem-de deňhukuklylyk, özara peýdalylyk, bähbitleriň sazlaşygyny gazanmak esasynda guraýandygyny nygtady.



Çykyş edenler 2025-nji – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň dabaralandyrylýan günlerinde utgaşykly geçirilýän çäräniň uly ähmiýete eýedigini bellediler. Şeýle hem Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynda parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek, adamzadyň parahat durmuşyny üpjün etmek babatda öňe sürýän başlangyçlarynyň häzirki zaman gapma-garşylyklary aradan aýyrmakda, dialogyň ähmiýetini ýokarlandyrmakda wajyp orun eýeleýändigi nygtaldy. Türkmenistanyň bu ugurdaky tagallalarynyň dünýä döwletleri üçin nusgalyk bolup durýandygy bellenildi.

Parlament Assambleýasynyň Prezidenti Pia Kauma öz çykyşynda Türkmenistanyň Mejlisiniň ÝHHG-niň Parlament Assambleýasy bilen bilelikde Aşgabat şäherinde birnäçe çäreleri, ýagny 2023-nji ýylda «ÝHHG-niň çäginde howpsuzlygy, durnuklylygy we dialogy berkitmekde bitarap döwletleriň orny» atly Merkezi Aziýa sebitleýin maslahatyny, 2024-nji ýylda «ÝHHG-niň çäginde Parlament diplomatiýasy: Dialog – abadan we asuda geljek üçin hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň guraly» atly bilelikdäki ýokary derejeli maslahaty geçirendigini belledi. ÝHHG-niň Parlament Assambleýasynyň ýyllyk mejlisiniň çäginde geçirilýän şu çäräniň hem Assambleýa agza döwletleriň arasynda parlamentara gatnaşyklaryň ösdürilmegine, dünýäde parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegine oňyn täsiriniň boljakdygyna ynam bildirdi.

# TÜRKMENISTANYŇ HALKARA ABRAÝY BARHA ARTÝAR

Parahatçylygyň, durnukly ösüşiň röwşen ýoly bilen öňe barýan Garaşsyz Türkmenistanyň bu ýyl hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolanyna 30 ýyl, Birleşen Milletler Guramasynyň döredilenine bolsa 80 ýyl dolýar. Ýurdumyz geçen 30 ýylyň dowamynda Birleşen Milletler Guramasynyň iň ynamdar hem strategik hyzmatdaşyna öwrüldi.



Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň kabul edilmegi döwletimiziň halkara giňişlikdäki abraý-mertebesiniň örän uludygynyň, parahatçylyga, özara düşünişmäge esaslanýan daşary syýasatynyň bütin dünýäde ykrar edilýändiginiň aýdyň beýany boldy. ■ 3



# ÝURDUMYZDA SPORTUŇ TAEKWONDO GÖRNÜŞI ÖSDÜRILÝÄR

**Ýakynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz ýurdumyza sapar bilen gelen «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Jong Won-ju bilen duşuşdy. Duşuşygyň dowamynda myhman Koreýa Respublikasynyň Taekwondo federasiýasynyň Gahryman Arkadagymyza taekwondonyň iň ýokary ussatlyk derejesini – dokuzynjy danyny bermek barada çözgüt kabul edendigini aýtdy we bu baradaky degişli güwänamany hem-de ýörite taekwondo sport lybasyny gowşurmaga rugsat bermegini haýyş etdi.** ■ 3

# KITAP – BILIMIŇ ÇEŞMESI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzda türkmen halkynyň gadymdan gelýän döwletlilik, parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik ýörelgeleri durmuşa geçirilýär. Möhüm ugurlar bilen bir hatarda, milli medeniýetimizi goramakda, ýurdumyzyň kitaphanalaryny kitaplar, elektron kitaplar bilen baýlaşdyrmakda, kitaphanalary sanlylaşdyrmakda, bar bolan kitaplary aýawly saklap, geljek nesillerimize ýetirmekde alnyp barylýan işler üstünliklere beslenýär.



Ata-babalarymyz kitaba çuňňur gadyr goýmak bilen, çeper sözüň, pähim-parasatyň üsti bilen köňüllerden-köňüllere ýol salypdyrlar. Olar «Bilmeýän zadyňy kitapdan sora», «Kitap geçeni, geljegi öwredýän dana», «Okasaň bilim alarsyň, hemme zady bilersiň» diýen ýaly pähimleri döredipdirler. ■ 3

## Dünýäniň iň uly Gün parky giňeldilýär

Dubaýdaky dünýäniň iň uly Gün parky bolan Mohammed bin Raşid Al Maktum bekediniň giňeldilmeginiň dowam etdirilýändigi mälim edildi. ■ 4



## Deňiz kenarynyň we suwunyň saglyga peýdasy

Tomus paslynyň gelmegi bilen adamlaryň aglaba bölegi nirädir bir ýere dynç almaga gitmegi meýilleşdirýär. Meýilleşdirilýän ýerlerde deňiz kenarlary öňdäki orny eýeleýär. ■ 5



## «McLaren» toparynyň sürüjileri arany açýar

Formula 1 boýunça möwsümiň 11-nji ýaryşy Awstriýanyň Spilberg şäherinde geçirildi. 70 aýlawdan ybarat ýaryşda «McLaren» topary goşa üstünlik gazandy. ■ 7



## UEFA Çempionlar Ligasynyň 71-nji möwsümine badalga berler

Diňe bir Ýewropada däl, eýsem, tutuş dünýäde-de klub futbolynyň iň esasy bäsleşigi hasaplanýan UEFA Çempionlar Ligasy ýaryşy 70 möwsümi yzda galdyrdy. ■ 8



# JEMGYÝETIMIZIŇ ASUDALYGY – DÖWLETIMIZIŇ BERKARARLYGY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew 2025-nji ýylyň birinji ýarymynda amala aşyrylan işleriň netijeleri, döwlet bähbitlerini goramak, jemgyýetde durnuklylygy üpjün etmek boýunça amala aşyrylan toplumlaýyn çäreler, ýolbaşçylyk edýän ministrligini ösdürmegiň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, milli howpsuzlygymyzy ygtybarly üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işleri yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini belledi we ministre birnäçe görkezmeleri berdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde şu ýylyň alty aýynda ýerine ýetirilen işler, Watanymyzyň mukaddes serhetlerini goramak, serhet galalaryny döwrebaplaşdyrmak, olaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, harby gullukçylaryň netijeli gulluk etmegi, ýaşaýyş-durmuşy üçin zerur şertleri döretmek babatda görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň serhediniň goňşy ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklaryň daýanjy bolmalydygyny nygtap, gullugyň ýolbaşçysyna Türkmenistanyň döwlet serhedinde asudalygy üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Adalat ministri M.Taganow ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek bilen bagly teklipleri taýýarlamak boýunça ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işler, ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde sanly ulgamyň ornaşdyrylyşy, hormatly Prezidentimiziň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi we degişli ösüş maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, bu düzüm tarapyndan milli kanunçylyk ulgamyny halkara kadalara laýyklykda kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi we ministre bu babatda degişli tabşyryklary berdi.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew şu ýylyň ýanwar – iýun aýlarynda amala aşyrylan işleriň netijeleri, gullugyň öňünde durýan wezipeleri ýerine ýetirmekde döwrebap iş usullaryny, iň täze tehnologiýalary işjeň ulanmak boýunça görülýän çäreler, harby gullukçylaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça geçirilýän işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, gümrük nokatlarynda ygtybarly gümrük gözegçiligini amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilýän işleri yzygiderli kämilleşdirmegiň, gümrük işinde halkara hyzmatdaşlygy dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi we degişli tabşyryklary berdi.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, şeýle hem gullugyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň ozal beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek boýunça görlen çäreler, degişli ösüş maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, bu düzümiň öňünde durýan möhüm wezipelere ünsi çekdi we gullugyň ýolbaşçysyna ýurdumyzda migrasiýa kanunçylygynyň berjaý edilişini, gullugyň işini kämilleşdirmek, migrasiýa babatda ýokary hilli hyzmatlary amala aşyrmak boýunça alnyp barylýan işleri yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalaryna ýüzlenip, Türkmenistanyň diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasynyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň harby howpsuzlygyny we bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak, Watan goragçylarynyň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi we bu ugurdaky işleriň geljekde-de dowam etdiriljekdigini nygtady.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde başga-da birnäçe meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

# TOMUS PASLY ÜÇIN PEÝDALY MASLAHATLAR

☑ Pasla görä geýniň! Tomus paslynda Günüň ultramelewşe şöhlelerinden goranmak üçin açyk reňkli nah matadan, ýeňil we giň tikilen egin-eşikleri, başgaplary geýiň! Ýaglyk örtünip, Günden goraýan äýnekleri dakynyň we saýawan ulanyň!



☑ Gün şöhlesi dogry peýdalanylanda bedende D witamini emele gelýär, şonuň üçin Gün şöhlesinden ýerlikli peýdalanyň!

☑ Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berk berjaý ediň!

☑ Bedeniň kesele garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin sagdyn we kadaly iýmitleniň!

☑ Günüň dowamynda gök önümleri we miweleri iýiň! Gök we miwe önümlerini iýeniňizde arassaçylyk kadalaryny berk berjaý ediň!

☑ Her gün 2 litrden az bolmadyk arassa agyz suwuny içiň!

☑ Möwsümleýin döreýän keselleriň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutuň!

☑ Derman we antibakterial serişdelerini özbaşdak ulanmaň!

☑ Saglyk döwlet ätiýaçlandyrmasyny baglanyşyp, döredilen ýeňilliklerden peýdalanyp, ýylda bir gezek ýurdumyzda hereket edýän şypahanalarda saglygyňyzy berkidiň!

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

# TEBIGATYŇ GORAGYNDA

Ýurdumyzyň dürli ýerlerinde döredilýän tokaýlyklar, bagy-bossanlyklar oňaýly mikroklimaty döredýär, howanyň arassa bolmagyny üpjün edýär. Diýarymyzda tebigy tokaýlar bilen bir hatarda adam eli bilen döredilen tokaý-seýilgäh zolaklarynyň meýdany hem az däl. Saýaly we miweli agaçlar howanyň aşa gyzmagynyň öňüni alýar.



Tebigy ýerlere gidilende, käbir kadalary berjaý etmek zerur bolup durýar. Bag-bakjaly ýerlerde ot ýakmak, çalgy ýagy ýa-da ýeňil ýanyjy suwuklyklar siňen esgileri, döwlen çüýşe böleklerini taşlap gaýtmak ýangynyň döremegine sebäp bolup bilýär. Aşa yssy howa, ýiti Gün şöhlesi aýna böleklerinden geçip, guran otlary tutaşdyryp, oduň döremegine getirip bilýär. Tebigata ulagly çykylanda bolsa, awtoulagyň tüsseçykary gurat bolmalydyr. Sebäbi tüsseçykardan çykýan uçgunjyklar oduň döremegine getirip bilýär.

Howanyň gyzmagy bilen öri meýdanlarda ýangyn döremek howpy emele gelýär. Şol sebäpli mallaryň suwa ýakylýan guýularynyň, üzüm agaçlarynyň daş-töwereginde hem-de demir we awtoýollaryň ýakalarynda sürüm işleri geçirilmelidir.

Tokaýlyk ýerleri ýangyn howpundan goramak işine degişli edara-kärhanalar hem öz goşandyny goşýarlar. Ösüp oturan agaçlaryň arasy haşal otlardan arassalanýar, olaryň hatararalarynda sürüm işleri geçirilýär, ýangyn howpsuzlyk zolaklary döredilýär. Bu işler ýangyn hadysalarynyň öňüni almaga ýardam berýär.

Ýurdumyzyň çägindäki eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edara-kärhanalaryň, guramalaryň ählisi dagda we tokaýda islendik işler geçirilende ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmäge borçludyr. Ýurdumyzyň baýlygy bolan tokaýlyklary, tebigy baýlyklary gorap saklamak her bir adamyň borjudyr. Gözel tebigatymyzy ýangyn howpundan gorap saklalyň!

**Kerwen AMANOW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 100-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň döwlet ýangyn gözegçilik bölümçesiniň gözegçisi, içerki gullugyň leýtenanty.*

# Robotlaryň sany işgärlerden köp bolar

Bölek söwda bilen meşgullanýan «Amazon» kompaniýasy müşderileriniň salgysyna harytlary eltip bermek hyzmatyny ýerine ýetirýär. Şeýle bolansoň, kompaniýanyň köp ýerde ammarlary bar. Bu ammarlarda harytlary saýhallamak, ýerleşdirmek, gaplamak we müşderä ibermäge taýýarlamak işleri ýerine ýetirilýär. Bu işleri ýerine ýetirmek üçin kompaniýanyň ammarlarynda 1 milliondan gowrak robot işledilýär. Olar agyr ýükleri daşaýarlar, tekjelerdäki harytlary düşürýärler, gaplaýarlar. Maglumata görä, häzirki wagtda global derejede müşderilere ýetirilýän harytlaryň dörtden üçünde robotyň goşandy bolýar. Kompaniýanyň bilermenleri robotlaryň şol bir gaýtalanýan işleri ýerine ýetirip, işgärlere uly ýeňillik döredendigini belleýär. Robotlardan peýdalanylyp başlanandan soňra, olara gözegçilik edýän, sazlaýan we bejerýän täze iş orunlary peýda bolupdyr. Netijede, ammarlar has önjeýli işläp başlapdyr.



Her bir ammarda işleýän işgäriň sany bolsa azalypdyr. Häzirki wagtda her ammarda ortaça 670 adam zähmet çekýär. Şeýle-de bolsa, her bir işgäriň gaplaýan önümi soňky 10 ýylda 175-den 3 müň 870-e çykypdyr. Bu artyşda robotlaryň we awtomatlaşdyrylan tehnologiýanyň täsiri uludyr.

Kompaniýanyň ýolbaşçysy Endi Jessi emeli aň tehnologiýasynyň ösmegi bilen adamlaryň edýän işini robotlaryň ýerine ýetirjekdigini, şol sebäpli geljekde ofis işgärleriniň hem sanynyň azaljakdygyny, emma täze tehnologiýalaryň täze iş orunlaryny döretjekdigini belleýär.

«Amazon Robotics»-iň inženerleri bolsa, robotlaryň sesli buýruklara düşünip, tabşyrylan ýumşy ýerine ýetirmeklerini gazanmagyň aladasyny edýärler. Ýakyn geljekde, kompaniýada ulanylýan robotlaryň sanynyň işgärleriniň sanyndan öňe geçjekdigi bellenilýär.

# Uçýan taksi döwri başlaýar

Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde uçýan taksiniň synag uçuşy üstünlikli geçirildi. Geljek ýyl şäheriçi gatnawlarda ulanylyp başlanjak bu ulaglar arkaly 45 minutlyk ýoly 12 minutda geçip bolar. Şäheriň ýolbaşçylary bu taslama ýol dyknyşygyny azaltmagyň usuly hökmünde garaýarlar. «Joby Aviation» amerikan kompaniýasy bilen bilelikde amala aşyrylýan taslamanyň çäklerinde uçýan ulag dürli howa şertlerinde barlanyp görüldi. Elektrik energiýasy bilen işleýän ulagyň şäheriň yssy howasyna çydamly edilip öndürilendigi bellenildi. Howa taksisi şäheriň köp adamly belli ýerlerindäki gonalgalardan hereket eder.




Kompaniýa 2024-nji ýylyň fewralynda Dubaýyň Ýol we ulag edarasy bilen howa taksilerini ýola goýmak boýunça ylalaşyk gazanypdy. Kompaniýa geçen ýylyň noýabr aýynda şäheriň halkara aeroportunda wertiportyň (dikligine uçup hem gonup bilýän kiçi göwrümli howa ulaglarynyň gonalgasy) gurluşygyna başlanandygyny, şeýle hem Palm Jumeýra emeli adasynda, şäher merkezinde we deňiz kenarynda ýene üç sany şeýle gonalganyň gurulmagynyň meýilleşdirilýändigini habar beripdi. Dubaýyň Ýakyn Gündogar sebitinde howa taksilerini hyzmata hödürlän ilkinji şäher boljakdygy mälim edildi.

## Köne telefonlardaky materiallar ulanylar

Smartfonlarda we beýleki elektron enjamlarda dürli himiki elementler, şol sanda gymmatly çig mallar hem ulanylýar. Tehnologiýanyň çalt ösmegi netijesinde bu enjamlar her ýylda diýen ýaly täzelenýär. Şeýle bolansoň olaryň köneleri ulanyşdan galýar. Maglumatlara görä, dünýäde 2022-nji ýylda 62 million tonna elektron zyňyndy emele gelipdir. Bu görkezijiniň onýyllygyň ahyryna çenli 82 million tonna çykmagyna garaşylýar. Köp ýurtda bu enjamlar gaýtadan işlenilip, içindäki materiallar aýratynlykda alynýar. Emma bu gymmada düşýär. Himikler adatça suw arassalamakda ulanylýan himiki birleşme arkaly elektron enjamlaryň içindäki elementleri aýyrmagyň usulyny oýlap tapdylar. Bu himiki birleşmäniň nebit senagatynda emele gelýän kükürt ulanmak arkaly öndürilýändigi bellenildi. Geçirilen synaglaryň şowly netije berendigi we elementleri aýyrmagyň adaty usulyndan daşky gurşaw üçin zyýansyzdygy mälim edildi. Ylmy barlagyň netijeleri «Nature Sustainability» žurnalynda çap edildi.



**Aýdogdy ROZYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, kapitan.*

## 50 santimetrlik ulag

Öz wagtynda Italiýanyň «Fiat» kompaniýasynyň ulaglary beýleki ýurtlaryň awtoulag senagaty üçin hem nusgalyk bolupdy. Şol sebäpli «Fiat»-yň we onuň nusgalanan görnüşleriniň muşdagy hem az däl. Kiçi göwrümli bu ulaglar elýeterli bolup, dünýäde millionlarça adamy pyýada ýöremekden halas etdi. Italiýada ýaşaýan Andrea Marazzi hem «Fiat»-yň janköýerleriniň biri. Ol 1980-nji ýyldan 2003-nji ýyla çenli öndürilen, uzynlygy 3,41 metre, ini 1,49 metre we beýikligi 1,43 metre ýetýän «Fiat Panda»-ny has-da kiçeldip, gaýtadan ýasapdyr. Ini bary-ýogy 50 santimetre ýetýän ulaga gapdaldan seredilende, onuň kiçeldilendigini bilip bolmaýar. Marazzi ulagy ussatlyk bilen kiçeltmegi başarypdyr. Ol bu ulagy ýasanda hakyky «Fiat Panda»-nyň böleklerinden peýdalanypdyr. Kapotyny bolsa, gaýtadan dizaýn edipdir.



**Bägül ATOWOWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň B.Kerbabaýew adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## Adalara baran gämilerden salgyt alnar

Gresiýanyň Santorini, Mikonos we beýleki adalaryna baran kruiz gämilerinden her ýolagçy üçin 20 ýewro salgyt alnar. Gresiýanyň Maliýe ministrliginiň spikeri täze düzgüne görä, salgydyň her adada dürlüçe boljakdygyny habar berdi. Has kiçi adalara baran gämileriň ýolagçylaryndan 5 ýewro alnar. Ýurt 1-nji iýundan 30-njy sentýabra çenli aralykda alynjak salgytdan her ýylda 50 million ýewro girdeji gazanmagy maksat edinýär. Mundan ozal Ispaniýa, Italiýa ýaly beýleki Ýewropa ýurtlarynda hem şeýle düzgün ýola goýlupdy.



**Ogulnäzik ISENOWA,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uly mugallymy.*

## Agaç ýaly dem alýan material

Şweýsariýanyň ýokary tehniki mekdebiniň alymlary howadaky kömürturşy gazyny özüne siňdirip bilýän materialy işläp taýýarladylar. Bu materialyň düzümindäki bakteriýalar fotosintez arkaly kömürturşy gazyny organik we mineral görnüşe öwrüp bilýär. Makromolekulýar inženerçilik ugrundan professor Mark Tibbittiň ýolbaşçylygyndaky işiň netijesinde fotosintetik bakteriýalar ýörite gelip içine ýerleşdirilipdir. Şeýlelikde, atmosferadaky kömürturşy gazyny gönüden-göni özüne çekip bilýän we ulalýan material emele gelipdir. Bu materialy 3D çap usuly arkaly islendik şekile girizip bolýar. Onuň ulalmagy üçin Gün şöhlesine, kömürturşy gazyna we iýmitlendirilen emeli deňiz suwuna zerurlyk duýulýar. Fotosinteziň netijesinde materialyň içinde gaty bölekler emele gelip, olary uzak wagtlap saklap bolýar.



## Öýe ýeke özi gitdi

Elektroulaglary öndürýän «Tesla» kompaniýasy sürüjiniň işini ýeňilleşdirýän awtomatlaşdyrylan tehnologiýalary hem işläp taýýarlaýar. Häzirki wagtda dünýäniň käbir şäherinde sürüjisiz hereket edýän taksiler bar. Emma sürüjisiz tehnologiýa awtoulag däl-de, tehnologiýa kompaniýalary tarapyndan işlenip taýýarlandy. Emma «Tesla» sürüjisiz ulaglary özi öndürmek isleýär. Golaýda kompaniýa sürüjisiz tehnologiýanyň ýeten derejesini görkezmek üçin zawoddan täze çykan ulagy ony satyn alan adamyň ýaşaýan jaýyna ugratdy. Aýdylyşyna görä, «Model Y» ulagynyň içinde hiç kim ýokdy we ol uzakdan hem dolandyrylmady. Ulag ýol hereketine açyk bolan adaty ýol bilen 15 mil uzakdaky täze hojaýynynyň ýaşaýan jaýyna gitdi. Bu aralykda ulagyň ýokary tizliginiň 72 mile ýetendigi mälim edildi. «Tesla» golaýda Tehasyň Ostin şäherinde giň bolmadyk çäkde sürüjisiz taksi hyzmatyny ýola goýupdy.



## Syýahatçylyk girdejilerini artdyrar

Baý medeni we tebigy mirasy bolan Meksikanyň Birleşen Ştatlary syýahatçylyk pudagyndan alýan girdejilerini has-da artdyrmagy meýilleşdirýär. Ýurduň 2030-njy ýyla çenli dünýäniň iň köp syýahat edilýän döwletleriniň ilkinji bäşligine girizilmegi maksat edinilýär. Bu maksada ýetmek üçin Meksika syýahatçylarynyň sanyny her ýylda 3 million artdyrmaly bolar. Ýurduň syýahatçylyk ministri Rodriges Zamora 2030-njy ýyla çenli bu pudakdaky iş orunlarynyň sanyny 27%, syýahatçylygyň jemi içerki önümiň içindäki paýynyň 9% artdyrmagy meýilleşdirýändiklerini belledi. Ministr daşary ýurtly syýahatçylaryň sanynyň 40,5% köpeljekdigini göz öňünde tutup, myhmanhana infrastrukturasyny 12% artdyrjakdyklaryny aýtdy. Bu taslamalary durmuşa geçirmek üçin pudaga 30 milliard amerikan dollary maýa goýum gönükdirilmegi meýilleşdirilýär.



Meksika şu ýylyň ilkinji dört aýynda 31,5 million daşary ýurtly barypdyr. Bu görkezijiniň geçen ýylyň degişli döwründäkiden 13,3% köpdügi bellenildi.

## Suwüsti energiýa beketleriň sany köpelýär

Deňiz kenarlary yzygiderli ýel öwüsýändigi sebäpli, ýel energiýa önümçilik beketlerini gurmak üçin amatly şert döredýär. Şeýle hem bu desgalar kenardan uzakda bolany üçin adamlaryň ýaşaýan ýerini daraltmaýar. Şol sebäpli deňizde gurulýan ýel beketleriniň sany we önümçiligi ýylsaýyn artýar. Geçen ýyl dünýäde ýel beketleriniň önümçilik kuwwaty 8 gigawat artyp, 83 gigawata ýetipdir. Bu görkezijiniň 73 million öýüň energiýa zerurlygyny üpjün etmäge ýetýändigi habar berildi. Bu barada Global ýel energiýasy geňeşiniň (GWEC) täze taýýarlan maglumatynda bellenilip geçilýär. Maglumatda häzirki wagtda bütin dünýäde gurluşygy dowam edýän ýel beketleriniň önümçilik kuwwatynyň 48 gigawata barabar boljakdygy aýdylýar. Iň köp ýel bekedi Hytaýda, Ýewropada we Demirgazyk Amerikada gurulýar.



**Selbi ANNAMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## 125 ýyllyk Patyşalyk otlusy ulanyşdan galdyrylar

Birleşen Patyşalykda 125 ýyldan bäri ulanylýan Patyşanyň maşgalasynyň ýurduň içindäki syýahatynda ulanýan otlusynyň ulanyşdan galdyryljakdygy mälim edildi. Köp ýyllaryň dowamynda Şa aýaly Elizabet II ulanan otlusynyň tehniki taýdan ideg etmegiň gymmatdygy we täze ulag serişdeleriniň peýda bolmagy sebäpli ulanyşdan galdyrylýandygy bellenildi. Patyşalygyň maliýe boýunça ygtyýarly wekili Jeýms Çalmers öňe gitmelidigini, bu täze döwürde geçmişe bagly galyp bilmejekdiklerini aýtdy. 2027-nji ýylda ulanyşdan galdyryljak taryhy otlynyň uzak wagtlap goralyp saklanmagy üçin ýeriň gözlenýändigi hem mälim edildi. Maglumatlara görä, Patyşanyň maşgalasyndan ilkinji bolup otly syýahatyndan peýdalanan Adelaida Saksen-Meýningen (şol döwrüň Patyşasy Wilgelm IV-iň aýaly) bolup, ol 1840-njy ýylyň 22-nji iýulynda Nottingemden Lids şäherine gidipdir. 1842-nji ýylyň 13-nji iýulynda Şa aýaly Wiktoriýa Londondan Winsdor şäherindäki adybir gala gitmek üçin otla münen ilkinji britan monarhy bolupdyr.



## Iň «ýaşyl» syýahatçylyk ýerleri

«Wanderlust» syýahatçylyk žurnaly 2025-nji ýylyň daşky gurşaw üçin zyýansyz syýahatçylyk hyzmatyny hödürleýän ýerleriniň sanawyny taýýarlady. Iňlis neşiri her ýylda «Travel Green List» atly şeýle sanawy taýýarlaýar. Sanawa daşky gurşawa zyýansyz, jogapkärli we durnukly syýahatçylyk syýasaty bilen tapawutlanýan ýurtlar, sebitler, şäherler, myhmanhanalar we guramalar girizilýär. 32 ýyldan bäri çykýan neşiriň bütin dünýäde okyjylary bar. Sanawyň başynda Hytaý Taýpeýi bolup, bu ýurt ekosyýahatçylygy, «ýaşyl» ulag ulgamy, goralýan çäkleri, ýerli mirasyň saklanmagy ýaly ugurlarda öňe saýlanypdyr. Durnukly we daşky gurşawa zyýansyz syýahatçylygy bilen tapawutlanýan Türkiýe hem sanawda özüne orun tapypdyr. Sanawda Sloweniýa, Ruanda, Uganda, Kosta Rika, Korsika, Peru we Wilnýus ýaly ýurtlar, sebitler we şäherler hem girizilipdir. Sanawda zibilleri azaltmaga degişli başlangyçlar, tebigata zyýan ýetirmeýän ýol beletleri we ekosyýahatçylyga degişli nusgalyk mysallara hem orun berilýär.



ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI
Iýul aýynyň 4-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116649
Belgisi: 27/1645
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat
BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW
BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm
BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.
Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477
Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# KITAP – BILIMIŇ ÇEŞMESI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Hormatly Prezidentimiziň ýaşlaryň döwrebap bilim almagy, ylym öwrenmegi babatynda giň mümkinçilikler döretmek baradaky görkezmelerinden ugur alnyp, bilim edaralarynda döredilen elektron kitaphanalaryň işi döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilýär. «Kitaphanalar we kitaphana işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda beýan edilýän wezipeleriň biri hem kitaphana işiniň awtomatlaşdyrylmagy we kitaphana gaznalarynyň ýuwaş-ýuwaşdan häzirki zaman maglumat göterijilerine geçirilmegi, elektron alyş-çalyş ulgamlarynyň peýdalanylmagy, Türkmenistanyň kitaphana gaznalarynyň bu ulgamlar bilen doly täzelenmegidir. Bu bolsa kitaphana ulgamyny ösdürmekde sanly tehnologiýalardan peýdalanmaga esas bolup durýar.



«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip at berlen 2025-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisinde hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň kitaphana ulgamyny ösdürmegiň 2025 – 2029-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasyny» tassyklamak hakynda Karara gol çekmegi kitaphana ulgamynyň kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilýändiginiň, okyjylara döwlet tarapyndan giň mümkinçilikleriň döredilýändiginiň subutnamasy boldy. Bu Döwlet maksatnamasynyň kabul edilmegi kitaphana işini kämilleşdirmekde, okyjylar üçin döredilýän mümkinçilikleri giňeltmekde, kitaphana işine innowasiýalary ornaşdyrmakda möhüm ädimleriň biri boldy.

Kitap – bilimiň çeşmesi. Okyjy kitaby özüne ýaran edinip, älem-jahana gaýybana syýahat edýär. Gahryman Arkadagymyz «Hakyda göwheri» atly kitabyndan: «Biziň halkymyza ylma yhlaslylyk we kitaplara bolan söýgi mydamada mahsus bolupdyr. Halk nesilden-nesle geçip gelýän kitaplary gözüniň göreji ýaly gorap saklapdyr» diýip belleýär. Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragy «Kitap okan gullar magnydan dokdur» diýmek bilen kitaba, kitap okana, akyl-paýhasa goýýan hormaty ýokary derejede beýan edip, kitap okaýan adamyň ýüregi mähirden, köňli ynsanperwerlikden pürepür bolýandygyny nygtaýar.

Kitaby okamak, kitaby özüňe dost tutunmak, ondan many çykaryp, sapak almak möhümdir. Ýazylan zatlary elektron enjamlarda, internetde okamak başga, kitaby eliňe alyp okamak bolsa başga bir lezzet berýär. Alymlaryň dürli ýyllarda geçiren barlaglarynyň netijesinde haýsydyr bir eseriň kagyz we elektron görnüşini okamagyň biri-birinden düýpli tapawut edýändigi ýüze çykarylypdyr. 1995-nji ýylda Parižde geçen BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy ÝUNESKO-nyň maslahatynda Bütindünýä kitap we awtorlyk hukugy güni, şeýle hem çagalaryň we ýetginjekleriň kitaplaryny ýaýratmak boýunça ÝUNESKO-nyň baýragy esaslandyryldy.

Elektron kitaphana ýurdumyzyň ähli kitaphanalarynda bar bolan elektron kitaplardan peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Elektron kitaphanalar ýurdumyzda bar bolan kitaphanalar bilen aragatnaşyk saklamak, daşary ýurtlaryň kitaphanalaryň maglumat gorundan hem internetiň üsti bilen peýdalanmaga şert döredýär.

Häzirki wagtda eziz Diýarymyzyň dürli sebitlerinde ýerleşýän 78 sany merkezi kitaphanalaryň, şeýle hem 153 sany kitaphana şahamçalarynyň hereket etmegi we olaryň kitap gorlarynyň artdyrylyp durulmagy döwletimizde okyjylar üçin döredilýän giň mümkinçiliklerden habar berýär.

Kitaby özüniň ýakyn dosty, ýol görkezijisi hasaplaýan, kitap okamagy gowy görýän halkymyz üçin kitap okamakda döredilýän mümkinçilikleriň gerimi giňeldiýär. Döredilýän ajaýyp şertler we mümkinçilikler üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir.

**Nepes ROZYÝEW,**
*Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty, Mejlisiň Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky komitetiniň agzasy.*

# TÜRKMENISTANYŇ HALKARA ABRAÝY BARHA ARTÝAR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Türkmen halkynyň müňýyllyklaryň dowamynda ýöredip gelen parahatçylyk ýörelgesi bu günki gün bütin dünýäde belent ykrarnama eýe bolýar. Muňa aýdyň nusga hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan hemişelik Bitaraplygymyzyň birnäçe gezek ykrar edilendigini aýratyn bellemek bolar. Şeýle hem Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 12-nji dekabryň «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan edilmegi hem dünýä jemgyýetçiliginiň halkymyzyň parahatçylyk ýörelgesine belent sarpasydygyny beýan edýär.

Hormatly Prezidentimiziň pähim-paýhasa ýugrulan öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde, döwletimiziň Bitaraplyk taglymaty dünýä ýagşy päl, ýagşy niýet, ynsanperwerlik bolup ýaýylýar. Türkmen Bitaraplygy bu gün giň zeminde parahatçylygy, howpsuzlygy berkarar etmäge öz mynasyp goşandyny goşup, dünýä döwletleriniň arasynda hoşniýetli gatnaşyklaryň barha giň gerim almagyny rowaçlandyrýar.



Ýurdumyzda halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna we Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasyna laýyklykda ynsanperwerligiň we raýdaşlygyň ýokary ideallaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilen ähli zerur çäreler görülýär. Munuň özi türkmen halkynyň gadymy däp-dessurlaryna, dostluk, doganlyk we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýar.

Ýurdumyzda Ýakyn Gündogar sebitindäki dörän soňky ýagdaýlar bilen baglanyşykly hem birnäçe ynsanperwer häsiýetli meseleleri çözmek boýunça işler alnyp baryldy. Ýurdumyz tarapyndan döredilen ynsanperwer geçelgeden 52 ýurduň raýatlary bolan 4678 adam öz döwletlerine dolanyp barmak üçin peýdalandy. Türkmenistanyň ynsanperwer meselelere bolan nusgalyk çemeleşmesine dünýä jemgyýetçiliginde ýokary baha berildi.

Döwlet Baştutanymyzyň dünýä halklaryny dost-doganlyga, parahatçylyga çagyran belent pikirleri, ynsanperwer ýörelgeleri beýik işleri we bu ugurda gazanan syýasy diplomatik üstünlikleri dünýäde parahatçylygy berkarar etmäge yzygiderli goşandyny goşýan Syýasy Liderdigi bilen habar berýär. Hormatly Prezidentimiziň oýlanyşykly amala aşyrýan daşary syýasatynyň netijesinde hemişelik Bitaraplyk derejämiziň halkara abraýy yzygiderli artýar.

2025-nji ýylyň 21-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň üçünji gezek kabul edilmegi taryhy ähmiýetli wakalaryň biri boldy.

Ýeri gelende bellesek, hemişelik Bitaraplyk türkmen döwletiniň içeri we daşary syýasatynyň pugta binýadydyr, onda goňşuçylyk däpleri, dünýä bilen hoşniýetli hyzmatdaşlyk, parahatçylygyň kepili hökmünde dialog esasy orunda durýar. Bu ýörelge ýurdumyzyň daşary syýasatynyň özenidir, döwletimiziň dünýä giňişligindäki ornuny has-da berkidýändigidir. Şeýlelikde, türkmen Bitaraplygy milli derejesi bilen, ýerini başga zada çalşyp bolmajak gymmatlyk hökmünde kabul edilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzy Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, tutumly işlerinde uly rowaçlyklary arzuw edýäris.

**Hangeldi MÄMIÝEW,**
*Hojambaz etrabynyň prokurory, 1-nji derejeli ýurist.*

# ADAM SAGLYGY WE YKJAM TELEFON

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda işlenip taýýarlanylan «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi esasynda ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamy hil taýdan täze derejelere çykýar. Çünki abadançylygyň we rowaçlygyň ýoly bilen ynamly öňe barýan Watanymyzda halkymyzyň sagdyn, bagtyýar durmuşyny üpjün etmek wezipesi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. Ýurdumyzda ynsan saglygyny goramak, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamyny düýpli kämilleşdirmek babatda toplumlaýyn çäreler amala aşyrylýar. Häzirki döwrebap tehnologiýalaryň ösen döwründe ykjam telefonlaryň adam saglygyna täsiri hem esasy meseleleriň biri bolup durýar.

Mobil telefonlaryň peýda bolmagy bilen köp zat özgerdi. Häzirki wagtda ýetginjekleriň we ulularyň köpüsiniň özlerine degişli mobil telefonlary bar. Hemmeler simsiz mobil aragatnaşygyň artykmaçlyklaryna we amatlylygyna ýokary baha berýärler. Mobil telefonlaryň adam saglygyna, esasan hem, çagalaryň saglygyna täsiri meselesi örän wajypdyr. Alymlaryň pikirleri bu barada dürli-dürlüdir. Käbirleri mobil telefonlaryň zyýanly täsiri barada belleýän bolsa, käbirleri munuň tersini öňe sürýärler.

### MOBIL ARAGATNAŞYGYŇ ARTYKMAÇLYKLARY:

☑ Adamlaryň arasynda aragatnaşygy giňeldýär;
☑ Ata-enelere çaganyň nirededigini hemişe bilmek mümkinçiligini berýär;
☑ Telefon hasaplaýjy, signal beriji, sagat, çyra, surat we wideokamera ýaly goşmaça aýratynlyklar bilen üpjün edilip, olary zerur bolanda ulanyp bolýar.

### MOBIL TELEFONLARYŇ ADAM ORGANIZMINE TÄSIRI:

Mobil telefon ulanylanda şöhlelenme hadysalarynyň bolmak ähtimallygy uludyr. Şöhlelenme okuw, ýat tutmak we hereket bilen bagly täsirini ýetirip bilýär. Aşa köp mobil aragatnaşyk ulanyjylary özlerinde ýadawlyk duýýarlar, gahar-gazaplylyk bilen has köp ýüzbe-ýüz bolýarlar.

Telefonyň ekrany kiçi bolansoň, gözümiz kiçi obýektlere fokus etmekde kynçylyk çekýär. Göz muskuly dartgynlykda bolýar. Telefonda köp wagt sarp etmek görüşiň peselmegine sebäp bolýar.

Telefonda uzak wagtlap gepleşmek hem gulak we oňa degişli organlara täsir edýär. Alymlar mobil telefon gulaga ýakyn ýagdaýda ulanylanda, şol gulakda dürli döremeleriň emele gelmegine hem ýetirip bilýär diýip hasaplaýarlar.

Telefony ýanyňda götermegiň hem düzgünleri bolup, ýürege ýakyn göterilende oňaýsyz täsir edip bilýär.

### MOBIL TELEFONLARY ULANMAK BILEN BAGLY MASLAHATLAR:

Telefon ulanmak gadagan edilen ýerlerde we goşmaça düzgünleriň güýje girýän ýerlerinde telefony öçürmeli, sebäbi ol ýerde radioaragatnaşygynda gatyşmalara we howplara sebäp bolup biler.



Telefonda gepleşilýän wagty mümkin boldugyça azaltmaly.

Kiçi çagalaryň mobil telefon ulanmagyna mümkinçilik bermeli däl, sebäbi olaryň nerw ulgamy doly bekemedik bolansoň, elektromagnit meýdanlaryň täsirine has duýgurdyr.

Bir söz bilen aýdanyňda, mobil telefonlaryň adam organizmine täsirini inkär etmek dogry däl. Eger çagalarymyzy ruhy we fiziki taýdan sagdyn görmek isleýän bolsak, olara mobil telefon bilen aragatnaşygy çäklendirmek zerurdyr. Bu çäklendirme izolýasiýa däl, diňe wagt taýdan çäklendirme bolmaly.

**Allamyrat GALANDAROW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň psihiatriýa, narkologiýa we medisina psihologiýasy kafedrasynyň mugallymy.*

# YLYM-BILIMDEN, ABRAÝDAN ÝÜKI ÝETEN HALYPA

Atajan Tagan bilen entek onuň romanlarydyr hekaýalaryny okamankam, 2006-2007-nji ýyllarda heniz okuwçy wagtym belli rus ýazyjysy Wasiliý Şukşiniň «Aý aýdyň gijedäki söhbet» atly hekaýalar toplumynyň terjimesi arkaly gaýybana tanyş bolupdym. Men muny tä bir hakykaty, ýagny çaga wagtymyzda gyzjagazlaryň ýatdan aýdýan sadadan ýakymlyja «Aglama, gurjak!» goşgusynyň hem Atajan Taganyňkydygyny bilýänçäm halypanyň döredijiligi bilen ilkinji tanyşlygym diýip hasaplaýardym. Babam Kakabaý Nazarow bütin ömründe türkmen metbugatynda işlänsoň, edebiýata, döredijilige gowy düşünýärdi, birnäçe tanymal türkmen ýazyjy-şahyrlary bilen oturyp-turşan adamdy. Olaryň durmuşyndan gyzykly wakalary gürrüň berip oturardy. Bir gezek şeýle gürrüňleriň gyzyşan wagty babam Atajan Taganyň örän zehinli terjimeçi, türkmen diline ökde, terjimeçilik sungatyna çuň çemeleşip bilýän edebiýatçylarymyzyň



biridigini aýdypdy. Babamyň şol gezekki gürrüňi gulagymda berk galypdy. Ol gürrüňleriň üstünden birki ýyl geçensoň, Atajan Taganyň «Uruş haçan gutarýar?» atly hekaýasy elime düşdi. Hekaýa tüýs «bir demde okalýan» diýilýän eserlerden eken.

Edebiýatçy alymlaryň aýdyşy ýaly, hekaýa ýazmak uly göwrümli eser ýazandan has jogapkärli we köp zähmeti talap edýär. Haýsydyr bir döwrüň ýa-da haýsydyr bir halkyň durmuşyny çeper beýan etmek, okyjynyň şol döwür bilen tanyşmagyny, tutuş durky bilen esere girmegini gazanmak ýokary ussatlygy talap edýär. Munuň üçin awtor dürli ylymlardan, şol sanda taryhdanam ýeterlik habarly bolmaly. Gürrüň Atajan Taganyň diňe bir hekaýasynda däl, onuň islendik eserinde-de okyjyny pelsepewi pikirlenmäge iterýän özboluşlylygyň barlygyndadyr.

Atajan aga barada makala ýazmagy öňräkden bäri pikirlenip ýördüm. Ahyrsoňy, gelşiksizrägem bolsa halypanyň özüne geňeşmän, göni öýüne barmaly diýen netijä geldim. Gitmäge hyýallanyp ýörenimi dostlaryma duýdurdym. Şeýlelikde, dostlarym bilen halypa ýazyjynyň eserlerini söýüp okaýan şahyrlaryň biri Döwran Orazgeldiýewi hem ýanymyza alyp, halypanyň öýüne bardyk.

Gapyň agzynda duran dört sany ýaş ýigidi görüp, güler ýüz bilen garşy alan halypa ähli soraglarymyza ýaşlygyny ýatlaýan ýaly ýylgyryp, höwes bilen jogap berdi. Ýaşuly togsanyň onundan alanam bolsa ýatkeşligi häli-häzirlerem örän dury. Munuň şeýledigine Kerim aganyň «Taýmaz baba» powestini, Magtymguly Pyragynyň birnäçe goşgularyny säginmän ýatdan aýdyp oturşyny göreniňde-de göz ýetirmek bolýar.

Halypany synlap oturşyma Türkmenistanyň halk ýazyjysy Hudaýberdi Diwangulyýewiň meşhur şahyr Kerim Gurbannepesowa bagyşlap ýazan makalasyndaky sözler ýadyma düşdi: «Onuň bilen söhbetdeş bolmak bir tarapdan ýakymly, beýleki tarapdan ejirli. Ýakymly tarapy seniň garşyňda hormatly bir şahsyýetiň oturmagy. Onuň bilen söhbetdeş bolmagyň ejirli tarapy bolsa, ylym-bilimden, abraýdan ýüki ýeten bir halypanyň ýanynda özüň nädereje-de pesdigiňi duýmak». Ep-esli wagt dowan eden gyzykly söhbetdeşlikden soň, halypa bilen hoşlaşyp, öýümize dolandyk. Bu duşuşyk mende örän ýakymly täsir galdyrdy.

Halypa ýazyjy Atajan Taganyň ýazan kitaplarynyň tiražy 850 müňe ýetipdir. Şu ýerde uly hormatdan peýdalanýan sada, şahandaz halypanyň uly üstünliklerini, azaply zähmetini açyp görkezýän käbir maglumatlary getirmegi maksadalaýyk hasaplaýaryn. Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Atajan Tagan Russiýa Federasiýasynyň medeniýetde at gazanan işgäri diýen hormatly ada mynasyp bolan, Bütindünýä ýazyjylar birleşiginiň Türkmenistandan agzasy bolan ýazyjydyr. Halypa ýazyjy nowella žanrynyň ussady hökmünde türkmen edebiýatynyň taryhynda ilkinji gezek daşary ýurtda – Germaniýanyň Berlin şäherinde «Hekaýa agşamy» geçirilen, 6 roman, 4 powest, ençeme hekaýa, 5 pýesa terjime eden ýazyjydyr. Bulardan başga-da, 2014-nji ýylda Germaniýada halypanyň «Keseki» romany rus dilinde çap edilip, bütin dünýäniň onlaýn kitap dükanlaryna ýaýradylýar. Şol ýyl bu eseriň Özbegistanyň «Jahon adabiyoty» žurnalynyň 5 sanynda dolulygyna berilmegi, 2015-nji ýylda bu eseriň «Uzbekistan» neşirýatynda «Begona» ady bilen aýratyn kitap bolup çykmagy, 2016-njy ýylda Nýu-Ýorkuň «Dünýäniň sesi» (World voice) hepdelik gazetiniň sahypalarynda bu esere orun berilmegi Atajan Taganyň döredijilik çygrynyň diňe bir milli derejede däl, eýsem, dünýä derejesinde hem ykrar edilýändigini aňladýar.

**Gurban MYRADOW,**
*«Arkadagly Ýaşlar» elektron žurnalynyň jogapkär kätibi.*

# PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARY – AGZYBIRLIGIŇ SENASY

Gahryman Arkadagymyzyň: «Adamzadyň arzyly oý-hyýallaryny jahana ýaýan Magtymguly bu gün ynsanlaryň buýsanjyna öwrüldi» diýip belleýşi ýaly, türkmen edebiýatyny belent derejelere çykaran beýik söz ussady Magtymguly Pyragy her bir türkmeniň kalbynda ýaşaýar. Häzirki döwürde dünýäniň akyldary Magtymguly Pyragynyň eserleri halklaryň dostluk köprüsine öwrülip, onuň ynsanperwer wesýetleri, berkarar türkmen döwleti baradaky arzuwlary siňen ajaýyp şygyrlary halkara derejesinde ynsanperwerligiň, watançylygyň, agzybirligiň, jebisligiň senasy hökmünde ýaňlanýar.

Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň goşgulary ýyllar geçdigisaýy täze öwüşgin tapyp, şöhle saçýar. Täze ugra



gönükdirilen edebiýatymyzyň şu günki belentliklerinde Magtymgulynyň ussatlygy, ündeýän ruhubelentligi şeýle bir giňişleýin açylyp görkezilýär welin, halky edebiýatyň bu belentlikleri dünýä medeniýetiniň giňişliklerine-de barha batyrgaý aralaşyp barýar.

Magtymgulynyň şygyrlarynyň diňe bir manysy däl, eýsem, çeperçilik serişdeleri, dil baýlyklary hakynda hem bellemek gerek. Goşgularyň çeperçilik taýdan ýokary derejede beýan edilýändigini edebiýatçy alymlaryň işlerinde görmek bolýar. Esasan hem, bu goşgularyň halka täsirli bolmagynda türkmen diliniň söz baýlyklarynyň uly orny bar. Şahyr ene dilimiziň söz baýlyklaryny ýerlikli peýdalanyp, döredijiligi bilen baýlaşdyrypdyr. Şeýlelikde, pikirler, setirler sazlaşyp many-mazmun emele gelýär. Şeýle ussatlyk bilen Watanyň waspyny ýetirmegiň özi aýratyn ähmiýete eýedigi bilen tapawutlanýar.

Şahyryň dürli mowzukdaky goşgularynyň arasynda watançylyk, gahrymançylyk, mert, edermen ýigitleri terbiýeläp ýetişdirmäge degişli şygyrlary uly orun tutýar. Şahyryň watançylyk, gahrymançylyk baradaky goşgularyna üns bersek, «Ýeli Gürgeniň», «Türkmeniň», «Gidiji bolma», «Depe nedir, düz nedir», «Gözlär men» ýaly goşgularynyň çuňňur mazmunyny görýäris. Bu goşgularyň içinden Watany söýmek, il-güne wepaly bolmak, batyrlyk, edermenlik baradaky pikirler eriş-argaç bolup geçýär. Şeýle goşgular ýaş nesillerde watançylyk ruhunda terbiýelemekde hem aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Ýaş nesillere Watana söýgi döretmek, mertlik, gaýduwsyzlyk, il-güne wepadarlyk ýaly asylly ýörelgeler şahyryň goşgularynyň özenini düzýär. Şonuň üçin hem akyldar şahyryň goşgulary halk içinde giňden aýdylýar we nesil terbiýesinde gymmatly hazyna bolup durýar.

Umuman, şahyr watansöýüjiligi, mertligi, merdanalygy, gaýduwsyzlygy, sözüň doly manysynda iň oňat häsiýetleri döredijiligine siňdiripdir. Şonuň üçin hem şu häsiýetleri wagyz edýän goşgular asyrlardan-asyrlara aşyp baky ýaşaýar. Munuň özi diňe adamyň däl-de, eýsem, ähli adamzadyň köňlünde ýagşylygy oýarýar, kalplary nurlandyrýar. Şeýle ajaýyp döredijiligi öwrenmek we nesillere wagyz etmek her birimiziň mukaddes borjumyz bolup durýar. Akyldar şahyryň arzuwlary ajaýyp döwrümizde hasyl boldy. Bu günki gün türkmen halky agzybirlikde beýik ösüşlere eýe bolýar. Şeýle ajaýyp döwürde hem Magtymguly Pyragynyň döredijiligini ylmy esasda öwrenýäris, ýaş nesillere wagyz edýäris. Munuň özi milli ýörelgeleriň rowaçlanmagyna, ýaş nesilleri watansöýüjilik ruhunda terbiýelemäge oňyn täsir edýär.

Magtymguly Pyragy hemmeleriň ruhy dünýäsiniň baý hem owadan bolmagyny arzuw edipdir. Adamlary hemişe gowy gylyk-häsiýetler, inçe duýgular, dana pähim-paýhaslar bilen terbiýelemäge çalşypdyr. Umuman, türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň goşgulary paýhas ummanydyr, ynsan kalbyny bezeýän ruhy gymmatlykdyr.

**Aýgül ADAÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň mugallymy.*

# ÝURDUMYZDA SPORTUŇ TAEKWONDO GÖRNÜŞI ÖSDÜRILÝÄR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Soňra Koreýa Respublikasynyň Kukkiwon taekwondo federasiýasynyň ýolbaşçysy Çon Kapkil sporty dünýäde giňden wagyz etmekde, sportuň dürli görnüşleri bilen yzygiderli meşgullanyp, bu ugurda ýaşlara görelde bolmakda, şeýle hem Türkmenistanda taekwondony ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza taekwondonyň dokuzynjy danynyň berlendigini tassyklaýan güwänamany hem-de ýörite taekwondo sport lybasyny dabaraly ýagdaýda gowşurdy.

Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzda ýaşlaryň arasynda sportuň bu görnüşiniň giňden ýaýrandygyny aýdyp, türkmen türgenleriniň halkara ýaryşlara gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp bolýandygyny kanagatlanma bilen belledi. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz



Koreýa Respublikasynyň Kukkiwon taekwondo federasiýasynyň ýolbaşçysynyň türkmen türgenleri bilen duşuşyk geçirip, öz maslahatlaryny bermeginiň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy.

Gahryman Arkadagymyzyň aýdanlaryndan ugur alnyp, Koreýa Respublikasynyň Kukkiwon taekwondo federasiýasynyň ýolbaşçysy Çon Kapkiliň paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesiniň Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda ýurdumyzyň taekwondoçylary bilen duşuşygy boldy. Onda sportuň bu görnüşiniň ýurdumyzda ösdürilişi we türkmen türgenleriniň halkara ýaryşlarda gazanýan netijeleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Taekwondo koreý söweş sungaty bolup, üç sözden «taek» – aýak, «won» – el we «do» – ýol sözlerinden gelip çykypdyr. Şeýlelikde, taekwondo diňe ýaragsyz özüňi goramak üçin döredilipdir. Taekwondo söweş sungaty sportuň aýratyn görnüşi hökmünde geçen asyryň ortalarynda ykrar edilen hem bolsa, koreýler onuň 5 müň ýyllyk taryhynyň bardygyny aýdýarlar. Wagtyň geçmegi bilen, sportuň bu görnüşini Koreýa Respublikasyndan beýleki döwletlerde hem ýaýratmak maksady bilen, 1973-nji ýylyň 28-nji maýynda Bütindünýä taekwondo federasiýasy döredilýär. Gysga döwrüň içinde Bütindünýä taekwondo federasiýasy netijeli üstünlikleri gazanýar. Onuň esasy üstünlikleriniň biri hem Halkara Olimpiýa Komitetiniň düzümine girmegidir. 1996-njy ýylda Atlantada geçirilen Olimpiýa oýunlarynda Taekwondo (WTF) sporty ilkinji gezek hereket edip başlaýar. Taekwondonyň (WTF) görnüşi 2000-nji ýylda sportuň Olimpiýa görnüşi diýlip yglan edilýär. Şondan soňra, sportuň bu görnüşi ýaşlaryň, uly we kiçi ýaşly adamlaryň, dürli ýurtlaryň arasynda uly meşhurlyga eýe bolýar.

Taekwondo söweş sungatynda 9-njy dan ussatlygyň iň ýokary derejesidir. Şeýle bolansoň, bu danyň eýelerine: «Uly ussat» diýilýär. Ýer ýüzi boýunça alanyňda hem bu danyň eýeleri köp däl. Indi Gahryman Arkadagymyz hem bu belent mertebä eýe bolan az sanly şahsyýetleriň biri boldy. Koreýa Respublikasynyň Kukkiwon taekwondo federasiýasynyň ýolbaşçysy Çon Kapkil türkmen halkynyň Milli Lideriniň sporty dünýäde giňden wagyz etmekde, sportuň dürli görnüşleri bilen yzygiderli meşgullanyp, bu ugurda ýaşlara görelde bolmakda, şeýle hem Türkmenistanda taekwondony ösdürmekde bitiren hyzmatlarynyň ýokary derejä mynasypdygyny aýratyn nygtady.

Çon Kapkil Olimpiýa şäherçesiniň binalarynyň enjamlaşdyrylyşyna, aýratyn-da, onuň Başa-baş söweş sungaty toplumynyň derejesine we bu ýerde döredilen mümkinçiliklere ýokary baha berdi. Türkmen türgenleri duşuşygyň dowamynda myhman bilen sportuň bu görnüşiniň taryhy ösüşi we onuň häzirki döwürde ýeten derejesi barada pikir alyşdylar.

Ýeri gelende bellesek, ýurdumyzyň taekwondoçylary halkara derejede geçirilýän ýaryşlara işjeň gatnaşýarlar. Şu günler taekwondo boýunça ýetginjekler we ýaşlar ýygyndylarymyz Malaýziýada geçiriljek Aziýa çempionatyna taýýarlyk görýärler.

Sözümizi jemläp aýtsak, taekwondo türgene ruhy taýdan güýçlülik, aýaklaryň we elleriň ýokary işjeňligini berýär. Taekwondonyň dogry türgenleşikleri adama saglygy öňküsinden has gowulandyrmaga, özüni gowy duýmaga, akyl taýdan ösmäge kömek edýär. Biz ýaş neslimiziň sagdyn kemala gelmegi, sport bilen meşgullanmaga döredip berýän ähli mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize köp sagbolsunlarymyzy aýdýarys.

**Maksat BERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

# ÝEWRAZIÝA YKDYSADY FORUMY GEÇIRILDI



26-27-nji iýunda Minskide 4-nji Ýewraziýa ykdysady forumy geçirildi. Oňa gatnaşyjylar Ýewraziýa integrasiýasynyň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Esasy mowzuklar senagaty we oba hojalygyny ösdürmek, sebitleýin hyzmatdaşlyk, sanly üýtgeşmeler, emeli aňyň mümkinçilikleri, zähmet bazarlaryny birleşdirmek we gümrük gözegçiligi ýaly meseleleri öz içine aldy.

Forum Belarusuň Ýewraziýa ykdysady bileleşigine (ÝAYB) başlyklyk edýän döwründe geçirilýär we esasy tema «Ýewraziýanyň ykdysady integrasiýasy strategiýasy: netijeler we mümkinçilikler». Forumda umumy mejlisden başga-da, 35 sessiýa boldy. Foruma 30-dan gowrak ýurtdan 2700-den gowrak işewür we syýasy toparlaryň, halkara guramalaryň wekilleri gatnaşdy.

Forumyň birinji gününde Belarusuň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko, Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin, Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew we Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Žaparow gatnaşdy. Ermenistanyň Premýer-ministri Nikol Paşinýan maslahata wideoaragatnaşyk arkaly goşuldy.

Aleksandr Lukaşenko öz çykyşynda Ýewraziýa ykdysady bileleşiginiň täzelenen görnüşiniň mazmunyny beýan edip, Ýewraziýa ykdysady bileleşiginiň jemi içerki önüminiň dünýäniň jemi içerki önüminiň diňe 4 göterimine barabardygyna ünsi çekdi.

Ýewraziýa ykdysady bileleşigi 2015-nji ýylda döredildi. Bileleşige Russiýa, Gazagystan, Belarus, Gyrgyzystan we Ermenistan girýär. Ýewraziýa ykdysady bileleşigi hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrmak, hyzmatdaşlygy, milli ykdysadyýetleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak hem-de agza döwletleriň ilatynyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak we durnukly ösüş üçin şertler döretmek maksady bilen döredildi.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

**Emeli boýag ulanmagy bes eder.** «Kraft Heinz» kompaniýasy 2027-nji ýylyň ahyryna çenli ABŞ-daky ähli önümlerinde sintetik iýmit boýaglaryň goşulmagyny bes eder. «Heinz» we «Oscar Mayer» brendlerine eýeçilik edýän bu kompaniýa düzüminde şeýle boýaglar bolan täze harytlary hem hödürlemejekdigini mälim etdi.



**Soňky emeli hemrasyny uçurdy.** Ýaponiýanyň daşky gurşawy öwrenmäge niýetlenen bir emeli hemrasy ýurduň iň köp ulanylan H2A raketasy arkaly uçuryldy. H2A-nyň 50-nji we soňky uçuşyny şowly tamamlandygy mälim edildi. Raketa 2001-nji ýylda işe girizilipdi.



**Çilim çekmek gadagan edildi.** Fransiýada plýažlarda, seýilgählerde, awtobus duralgalarynda we köpçülige açyk bolan baglarda çilim çekmek gadagan edildi. Resmi taýdan güýje giren kanuna görä, çilim çekmek ýüzülýän howuzlarda we mekdepleriň golaýynda hem çäklendirilýär. Kanunyň çagalary tüssäniň zyýanly täsirinden goramak maksady bilen güýje girizilendigi mälim edildi.



**0,7 göterim ösdi.** Birleşen Patyşalygyň ykdysadyýeti şu ýylyň birinji çärýeginde 0,7 göterim ösüş gazandy. Milli statistika edarasynyň maglumatyna görä, ýurduň jemi içerki önümi geçen ýylyň soňky çärýeginde 0,1 göterim ýokarlanypdyr.



**Sagatlyk zähmet haky artdyrylar.** Germaniýada häzirki wagtda 12,82 ýewro bolan sagatlyk iň pes zähmet haky ýokarlandyrylar. Geljek ýylyň başynda bir sagatlyk iň pes zähmet haky 13,90 ýewro, 2027-nji ýyldan başlap 14,60 ýewro ýetiriler. Ýurtda ilkinji gezek sagatlyk zähmet haky 2015-nji ýylda girizilipdi. Şonda bu mukdar 8,50 ýewro diýlip kesgitlenipdi.



**500 müň daşary ýurtlyny işe alar.** Italiýa 2026-2028-nji ýyllarda Ýewropa Bileleşigine agza bolmadyk ýurtlaryň raýatlarynyň 500 müňüne işçi wizasyny berer. Işçi ýetmezçiligi çekýän ýurt geljek ýyl 164 müň 850, 2028-nji ýylyň ahyryna çenli jemi 497 müň 550 adama wiza berer.



**BRICS-iň bankyna goşuldy.** Kolumbiýa BRICS-iň doly agzasy bolandan soň, Täze Ösüş Bankyna goşuldy. Bu barada ýurduň daşary işler ministri Laura Sarabiýa habar berdi. «Kolumbiýa resmi taýdan BRICS-iň bankyna goşuldy» diýip, Laura Sarabiýa X sosial ulgamynda ýazdy.




**Saç düşmäni bejermekde öňegidişlik.** Madriddäki (Ispaniýa) San Karlos klinik hassahanasynyň lukmanlary androjenik alopesiýany (saç dökülmesini) bejermegiň täze usulyny işläp düzdüler. Lukmanlar barlaghana şertlerinde saç ösdürdiler. Indiki barlaglaryň netijeleri meýletinçileriň gatnaşjak synaglarynda has aýdyň ýüze çykar.



**Konwertoplanyň ilkinji synaglary.** Hytaýyň «United Aircraft» kompaniýasy agramy alty tonna barabar konwertoplanyň ilkinji synagyny geçirdi. «Zhang Ying R6000» atly 10 orunlyk uçar sagatda 550 kilometr tizlik bilen hereket edýär. Howa gämisi 7 müň 620 metre çenli belentlige çykyp, gonmazdan 4 müň kilometr geçip bilýär.



**Täze aeroport gurlar.** Tbilisiniň golaýyndaky Waziani şäherçesinde ýerleşýän täze halkara howa menzili ilkinji ýolagçylaryny 2031-nji ýyldan soň kabul eder. Onuň geçiriş kuwwaty ýylda 18 million ýolagçy bolar, bu häzirki howa menzilinden 4,5 esse köp. Taslama harçlanjak maýa goýumyň mukdary 1,3 milliard amerikan dollary diýlip bahalanýar.



## Ilkinji erkin söwda zolagy dörediler

Wýetnamda ýurduň ilkinji erkin söwda zolagy dörediler. Bu zolak merkezi sebitiň esasy tehnologik we syýahatçylyk merkezleriniň biri bolan Danang şäherinde ýerleşer. Bu barada «Kommersant» neşiri habar berdi.

Hökümet bu taslamanyň ýurduň ykdysady ösüşiniň hereketlendirijisine öwrülmegine, ýurdy strategik maksadyna golaýlaşdyrmaga hem-de 2045-nji ýyla çenli ýokary girdejili ýurtlaryň hataryna goşulmak maksadyna ýetmäge ýardam bermegine bil baglaýar.

Erkin söwda zolagy 1 müň 881 gektar meýdany eýeleýär. Bu zolakda işlejek kompaniýalar ýeňilliklere eýe bolup, oňa esasan, salgyt ýeňillikleri, ýeňillikli ýer kärendesi we ygtyýarnama almak ýaly ýönekeýleşdirilen administratiw amallar girýär.

Wýetnamyň Premýer-ministri Fam Min Tiniň belleýşi ýaly, erkin söwda zolagynyň döredilmeginiň uzak möhletli maksady, esasan, dünýä derejesinde hem-de Aziýa-Ýuwaş ummany sebitinde üpjünçilik zolaklaryny döretmekden, önümçilik merkezi we harytlar üçin global üstaşyr merkezini kemala getirmekden ybaratdyr. Şeýle hem häkimiýetler geljekde Danang şäherini halkara maliýe merkezine öwürmegi meýilleşdirýärler.



Danang şäherinde ýurduň üçünji iň uly deňiz porty ýerleşýär. Meýilnama görä, bu portuň ýyllyk geçiriş ukyby 2030-njy ýyla çenli 8,7 million tonnadan 13,7 million tonna çenli ýokarlandyrylar. Bu bolsa logistika infrastrukturasynyň we zolagyň ösüşine goşant goşar.

## Dünýäniň iň uly Gün parky giňeldilýär

Dubaýdaky dünýäniň iň uly Gün parky bolan Mohammed bin Raşid Al Maktum bekediniň giňeldilmeginiň dowam etdirilýändigi mälim edildi. Taslama laýyklykda, 2030-njy ýyla çenli desganyň önümçilik kuwwatyny 7,26 GWt-a çykarmak meýilleşdirilýär. Dubaýyň Elektrik we suw edarasy (DEWA) tarapyndan işlenip taýýarlanan beket bir bitewi çäkde ýerleşýän dünýäniň iň uly Gün bekedi hasaplanýar. Desganyň önümçilik kuwwaty häzirki wagtda 3,86 gigawata barabar. Bu görkezijiniň 800 megawatlyk (MWt) bölegi şu ýyl işe girizildi. Häzirki wagtda desganyň önümçiligi DEWA-nyň ähli önümçiliginiň 21,5 göterimini emele getirýär. 2030-njy ýyla çenli bolsa, Dubaýda sarp edilýän elektrik energiýasynyň üçden biri bu desgada öndüriler.

Ilkinji tapgyry 2013-nji ýylda işe girizilen parkda Gün şöhlesinden iki usul arkaly elektrik energiýasy öndürilýär. Olaryň biri adaty görnüşde paneller arkaly alynýan bolsa, beýleki usulda giň meýdana oturdylan aýnalar arkaly şöhle bir nokada gönükdirilip, ýokary gyzgynlyk alynýar. Bu gyzgynlyk arkaly bug öndürilip, elektrik energiýasy alynýar. Ikinji usulda gijesine-de elektrik energiýasy öndürilip, üznüksiz önümçiligi ýola goýmaga mümkinçilik berýär.

Şäherde adatça tebigy gaz bilen işleýän beketleriň tapgyrlaýyn azaldylmagy göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda bekediň altynjy tapgyrynyň gurluşygy dowam edýär. Bu tapgyr desganyň önümçilik kuwwatyny 1,8 GWt artdyrar. Toplumyň ýedinji tapgyrda guruljak böleginde bolsa, Gün paneli arkaly öndürilen elektrik energiýasyny saklap bilýän batareýalar hem göz öňünde tutulan.



## Döwürleýin başlyklygy Daniýa geçdi

Daniýa 1-nji iýuldan başlap Ýewropa Bileleşiginiň döwürleýin başlyklygyny Polşadan kabul etdi. Ýurduň 6 aýlyk döwürde alyp barjak syýasaty, esasan, Ýewropanyň howpsuzlygy we ykdysadyýetde bäsdeşligi güýçlendirmekden ybarat bolar. Daniýanyň Ýewropa Bileleşiginiň ýanyndaky hemişelik wekili Karsten Gronbek-Ýensen ýokarda agzalanlardan başga-da, gazylyp alynýan energiýa serişdelerine bolan garaşlylygyň azaldylmagyna hem üns beriljekdigini aýtdy. Daniýa agza ýurtlaryň global bazardaky bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmagy maksat edinýär. ÝB-niň 2050-nji ýyla çenli bitarap uglerod maksatnamasyna ýetmegini aňsatlaşdyrmak hem Kopengageniň gün tertibinde bolar.



Kopengagen döwürleýin başlyklygynyň şygaryny «Üýtgeýän dünýäde güýçli Ýewropa» diýip kesgitledi. 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda döwürleýin başlyklyk Kipr Respublikasyna geçer.

## 100 ýaşlylaryň sany artýar

**Maglumatlara görä, bütin dünýäde ýaşy bir asyrdan geçenleriň sany 630 müň töweregi. 100 ýaşlylaryň köp ýaşaýan ýurtlarynyň arasynda Ýaponiýa öňdeligi eýeleýär. Birleşen Milletler Guramasynyň maglumatlaryna görä, 100 ýaşdan geçenleriň köpüsi dünýäniň 10 ýurdunda ýaşaýar. Aziýa, Ýewropa we Demirgazyk Amerikada ýerleşýän bu ýurtlar ykdysady girdeji, saglygy goraýyş ulgamy, däpdessurlary we ýaşaýyş endikleri babatda tapawutlanýar. Dünýäde 100 ýaşlylaryň bäşden biri (123 müň adam) Ýaponiýada ýaşaýar. Ýurtda ortaça ýaş hem ýokary – zenanlar 88, erkekler 82 ýaşaýar.**

**ABŞ-da bolsa, 74 müň adamyň ýaşy 100 ýa-da ondan ýokary. Hytaýlylar hem uzak ýaşamagy bilen köp ýyllardan bäri bellidir. Bu ýurtda 49 müň töweregi adam azyndan bir asyr ýaşapdyr. Dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hindistanda 38 müň adam 100 ýaşdan geçipdir. Fransiýa, Gresiýa we Italiýa hem uzak ýaşlylaryň ýurdy hasaplanýar. Bu Ýewropa ýurtlary ilatynyň sany göz öňünde tutulanda, 100 ýaşlylaryň has köp ýaşaýan ýurtlary hasaplanýar. Gonkongda 100 müň adamdan 133-i 100 ýaşyny geçen bolsa, Ýaponiýada 100 müň adamdan 100 adam 100 ýaşyndan geçipdir. Niderlandlaryň demografiýa institutynyň ylmy işgäri, uzak ýaşlylary öwrenýän professor Solweýg Kanningem Ýaponiýanyň sanawyň başyndadygyna ünsi çekip, munuň esasy sebäbiniň iýmitlenmek endigi we sagdyn ýaşamak üçin gerekli şertleriň bolmagy bilen baglydygyny belleýär.**



**Bilermenler uzak ýaşamagyň syrlaryny öwrenmegi dowam edýärler. Emma lukmanlaryň bellemeklerine görä, sagdyn ýaşamagyň düzgüni örän ýönekeý – yzygiderli maşk etmek, sagdyn iýmitlenmek, wagtynda bejergi almak, ukyňy kadaly almak, temmäki önümlerinden we alkogolly içgilerden daş durmak.**

## Ýelkenli kruiz gämisi suwa goýberildi

Fransiýada uzynlygy 220 metr, agramy 26 müň tonnadan gowrak dünýäniň iň uly ýelkenli kruiz gämisi suwa goýberildi. «Orient Express Corinthian» atly gämi meşhur «Orient Express» ýolagçy demir ýol kompaniýasynyň we Fransiýanyň «Accor» myhmanhana toparynyň bilelikdäki hyzmatdaşlygynyň netijesidir.

«Chantiers de l'Atlantique» gämi abatlaýyş kärhanasynda gurlan gämi ýeliň güýji bilen hereket edýän döwrebap ýelkenler bilen enjamlaşdyrylypdyr. Bu bolsa gäminiň diňe ýeliň güýji bilen hereket etmegine mümkinçilik berýär. Gämide goşmaça güýç talap edilende ulanmaga niýetlenen gaz bilen işleýän ätiýaçdaky hereketlendiriji hem bar. Kaşaň gämide 54 lýuks otag bolup, jemi 110 ýolagçy orunlykdyr. Laýner geljek ýylyň ortalarynda ilkinji syýahatyna çykar.



## Gysgaldylan iş hepdesine geçildi

Polşada 30-njy iýundan başlap, synag maksady bilen 4 günlük iş hepdesine geçildi. Bu maksatnama Seým (parlament) tarapyndan ýurduň Maşgala, zähmet we durmuş syýasaty ministrliginiň teklibi bilen kabul edildi. Ministrligiň hünärmenleriniň pikiriçe, gysga iş wagty işgärlere we iş berijilere köp peýda getirer. Bir tarapdan, ilatyň beden we akyl saglygy güýçlener, adamlaryň öz-özüni ösdürmek üçin has köp wagty bolar we iş bilen şahsy durmuşyň arasyndaky deňagramlylygy ýokarlandyrar. Beýleki tarapdan, zähmet bazaryndaky işiň netijeliligi we bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlanar.

Synag maksatnamasy 15-18 aý dowam eder. Synag maksatnamasy ýola goýlandan soň işçileriň aýlyklarynyň azalmajakdygy aýratyn nygtalýar.



Gysgaldylan iş hepdesine geçmek, ilkinji nobatda, Polşadaky gutulgysyz demografik meseleler bilen baglanyşykly.

## Sindaoda sungat festiwaly guralar

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) sungat festiwaly şu ýylyň 7-nji iýulynda Gündogar Hytaýyň Sindao şäherinde (Şandun, Gündogar Hytaý) açylar diýip, ýerli häkimiýetler habar berýär. Şäher häkimliginiň metbugat ýygnagynda mälim edilişi ýaly, festiwal ŞHG-ä agza ýurtlaryň dürli medeniýetleriniň özüne çekijiligini görkezmegine bagyşlanar.

Açylyş dabarasyna Russiýadan, Belarusdan, Gazagystandan we beýleki ýurtlardan wekiliýetler çagyryldy. ŞHG-ä agza ýurtlaryň ýaş artistleri meşhur aýdym-saz, jaz, kirişli saz gurallarda, opera, wokal we instrumental žanrlarda çykyş ederler.

Açylyş dabarasynda Hytaý tarapyndan Hytaýyň opera we tans teatry, Hytaýyň gündogar ýerine ýetiriş sungat topary, Merkezi drama akademiýasy, Çingdao aýdym-saz teatry we ş.m. çykyş eder.

2024-nji ýylyň iýul aýynyň başynda Hytaý 2024-2025-nji ýyllar üçin ŞHG-niň başlyklygyny öz üstüne aldy. Mundan öň, guramanyň indiki sammitiniň şu ýylyň güýzünde Hytaýyň Týanszin şäherinde geçiriljekdigi mälim edilipdi.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1776-njy ýylyň 4-nji iýulynda gol çekilen ABŞ-nyň Garaşsyzlyk Jarnamasy ýurduň taryhynda möhüm wakadyr. Şol gün Demirgazyk Amerikadaky iňlis wekilleri tarapyndan ýurduň Garaşsyzlygy yglan edilip, täze döwlet - Amerikanyň Birleşen Ştatlary esaslandyrylýar.**




## 8,4 MILLIARD NAHAL OTURDYLAR

**Efiopiýada her ýyl geçirilýän «Ýaşyl miras» milli nahal ekiş kampaniýasy üçin 8,4 milliard nahalyň taýýarlanandygy mälim edildi. Bu barada TV BRICS teleýaýlymynyň hyzmatdaşy «Fana Media Corporation» ýurduň Oba hojalygy ministrligine salgylanyp habar berdi.**

**Ilkibaşda 7,5 milliard nahal ekmek meýilleşdirilipdi, ýöne taýýar agaç nahallarynyň mukdary garaşylanyndan ep-esli ýokary boldy. Ministrligiň habaryna görä, nahallar 1,9 million gektar meýdanda ekiler, şolardan 1,5 million gektar ekiş üçin amatly diýlip ykrar edildi.**



**492 müň gektardan gowrak meýdanda ekiş üçin jikme-jik kartalaryň düzülendigi bellendi. Mundan başga-da, oturtmak üçin 3,1 milliard çukur taýýarlandy we 518 milliondan gowrak nahal oturdyldy. Nahal oturtmak kampaniýasy, döwlet edaralaryndan we mekdeplerden başlap, fermer meýdanlaryna çenli 116 müňden gowrak ýerde başlandy. Taýýarlanan nahallaryň dürli görnüşlidigi mälim edildi.**

**2019-njy ýyldan bäri durmuşa geçirilýän «Ýaşyl miras» başlangyjy Efiopiýada hatardan çykan ekoulgamlary dikeltmegi we howanyň üýtgemeginiň täsirlerine garşy göreşmegi maksat edinýär.**

# Piramidalardan nusga alnyp gurlan binalar

**Dünýäde täsin gurluşlaryň biri hasaplanýan piramidalaryň esasy bölegi gadymy Müsürde ýerleşýär. Iň çydamly taryhy ýadygärlikleriň biri hasaplanýan piramidalar ýedi täsinligiň biri hasaplanýar. Gadymy Müsürde, Maýa siwilizasiýasynda gurlan bu binalar irki zamanlardan biziň günlerimize çenli gelip ýetip, häzirki zaman binagärlik sungatynyň ösmegine itergi berýär. Soňky ýyllarda dünýäniň dürli künjeginde döwrebap piramidalar bina edildi. Geliň, piramidalardan nusga alnyp gurlan häzirki zaman binalar bilen tanyş bolalyň!**

**Luwr, Fransiýa.** Dünýäniň iň meşhur binalarynyň biri hem Fransiýanyň paýtagty Pariždäki Luwr piramidasydyr. Aýna we metal materiallardan gurlan Luwruň töwereginde başga-da 3 sany kiçijik piramida bar. Gurluşygy 1989-njy ýylda tamamlanan piramida Luwr muzeýiniň girelgesi hökmünde ulanylýar. Maglumatlara görä, Luwr piramidasy Giza piramidasyndan nusga alnyp bina edilipdir. 673 aýna böleginden ybarat Luwr syýahatçylaryň iň köp gezelenç edýän ýerleriniň biridir.

**«Lýuksor» myhmanhanasy, ABŞ.** Las-Wegasda ýerleşýän «Lýuksor» myhmanhanasy Giza we Hafre piramidalaryndan soň dünýäde üçünji beýik piramida hökmünde tanalýar. Piramida 18 aýlap dowam eden gurluşyk işlerinden soň, 1993-nji ýylda açylýar. 30 bölüme bölünen «Lýuksor» myhmanhanasynda 4400 otag, basseýn, restoran, dükan we klub bar. Myhmanhananyň içinde, takmynan, 30 metr beýiklikde Sfinksiň heýkeli oturdylypdyr. 400 kilometr uzaklykdan görünýän «Lýuksor» myhmanhanasynyň çür depesindäki duýduryjy ulgam dünýäniň iň güýçli yşyklandyryjysy hasaplanýar.



**«Rýugýong» myhmanhanasy, Koreýa Halk Demokratik Respublikasy.** Dünýä metbugatynda mahabaty ýetirilen «Rýugýong» myhmanhanasy gorkunç piramida hökmünde suratlandyrylýar. Özbolușly görnüşe eýe bolan bu piramidada otaglar, dükanlar, ofisler we restoran bar. 330 metr beýiklikdäki piramida dünýäniň iň uzyn myhmanhanasy hasaplanýar. 105 otagly piramida ýurduň esasy nyşanlarynyň biridir.



**«Çydamlylyk we Parahatçylyk köşgi», Gazagystan.** «Çydamlylyk we Parahatçylyk köşgi» häzirki zaman piramidalarynyň arasynda binagärlik aýratynlygy bilen saýlanýan desgalaryň biridir. Gazagystanyň milli nyşanlarynyň biri bolan bu piramida 2004-2006-njy ýyllar aralygynda gurulýar. 62 metr beýiklikdäki piramidanyň uzynlygy hem 62 metr bolup, binanyň içinde 1500 adamlyk opera zaly bar. Bu ýerde döwlet derejesindäki çäreler geçirilýär. Daşardaky temperaturanyň näçe derejededigine garamazdan piramidanyň içindäki howa şol bir ýylylykda saklanýar.



**«Piramida Arena», ABŞ.** ABŞ-nyň Tennessi ştatynda ýerleşýän «Piramida Arena» dünýäde altynjy uly piramida hökmünde tanalýar. 100 metr beýiklikdäki bu piramida Müsüriň Giza piramidasyndan birneme gysga bolup, Memfis uniwersitetiniň bagynda ýerleşýär. «Piramida Arena» sport çärelerini geçirmek üçin ýörite döredilýär. Missisipi derýasynyň kenarynda gurlan bu sport toplumyna 20 müň tomaşaçy sygýar.

# Köp okan bilermi, köp gezen?!

**Irki ýyllardan bäri çekişme görnüşinde berilýän bu soraga her kim özüçe jogap berýär. Bu soragyň jogabyna görä, adamlaryň biri akyl bilen, beýlekisi bolsa bedeni bilen dünýäni öwrenýär. Käbir adam oturan ýerinde müňlerçe sahypalyk kitap okamagy halaýan bolsa, käbir adam ýurtlary, şäherleri gezmek üçin müňlerçe kilometr ýol geçýär. Eýsem, beýniniň täze zatlary öwrenmegi üçin kitap zerurmy ýa-da tejribe? Okap öwrenmekmi ýa-da görüp öwrenmekmi? Bularyň haýsysy has täsirli?**



Köp okaýan adamyň beýnisi her kitapdan täze maglumat gorlaryny we artykmaçlyklary alýar. Bu amalda söz baýlygy giňeýär, duýgy düşünjeleri artýar we stres bilen göreşmek ukyby ýokarlanýar. Hünärmenler yzygiderli okamagyň beýniniň işleýiş tizligini ýokarlandyrýandygyny, pikirleri güýçlendirýändigini we hyýallary ösdürýändigini belleýärler.

Syýahat edýän adamlaryň köpüsi dürli medeniýetli adamlar bilen gönüden-göni aragatnaşykda bolýar. Şeýlelikde, öňden gelýän düşünjeleri aýryp, dünýä has giň tarapdan seredýärler. Täze dilleri öwrenmek, dürli medeniýetler we aşhanalar bilen tanyş bolmak arkaly sosial aragatnaşyk endikleri ösýär. Syýahat etmek arkaly öwrenmegiň iň uly artykmaçlygy dürlüligi başdan geçirmek we maglumatlaryň dogry ýa-da nädogrudygyna düşünmekdir.

Syýahat maglumatlary ýada salýan disk ýalydyr. Görüş, duýgular arkaly başdan geçirilen her bir pursat kitapdaky wakalardan has berk ýatda saklanýar. Mysal üçin, kitapda suratlandyrylýan şähere ýa-da muzeýe özüň aýlanyp görmek, bu ýerdäki zatlary gözüň bilen görmek kitapdaky beýan edilişinden has täsirli bolýar. Kitapdan öwrenmek adama giňişleýin maglumat berýär. Şeýle hem okap öwrenmek akyl goruny ýokarlandyrýar, ünsi uzak wagtlap bir ýere jemlemegi we maglumatlara yzygiderli çemeleşmegi ýeňilleşdirýär. Kitapda çylşyrymly pikirler, ylmy derňewler, filosofik we edebi garaýyşlar beýan edilýär.

Gündelik durmuşda bu usullaryň ikisi hem zerurdyr. Çünki adam bütin ýylyň dowamynda gezelençde bolup bilmeýär. Şeýle hem käbir anyk maglumatlary syýahat etmek arkaly öwrenip bolmaýar. Şol sebäpli gezelenç edilýän wagty okamagy hem ýatdan çykarmaly däl. Iň gowy netije ilki okamak, soňra syýahat etmek bolsa gerek.

# Deňiz kenarynyň we suwunyň saglyga peýdasy

Tomus paslynyň gelmegi bilen adamlaryň aglaba bölegi nirädir bir ýere dynç almaga gitmegi meýilleşdirýär. Meýilleşdirilýän ýerlerde deňiz kenarlary öňdäki orny eýeleýär. Deňziň täsin tebigatyny synlamak we deňiz kenarlarynda dynç almak adama egsilmez güýç-kuwwat berýär. Deňziň howasy we çüýşe ýaly dury göm-gök suwy deridäki düwürtiklerden başlap, demgysma, ysgynsyzlyk, dartgynlylyk we gijilewük ýaly dürli keselleriň öňüni almaga ýardam edýär. Bulardan başga-da, deňiz kenarynyň immuniteti güýçlendirmekde, beýnini köşeşdirmekde peýdasy diýseň uludyr.

Syýahatçylaryň köpüsi deňzi gudratly bejergi hökmünde suratlandyrýarlar. Deňizde ýüzmek, deňziň ýodlaşdyrylan howasyndan dem almak we tolkunlaryň sesini diňlemek – bular elýetmez tebigy bejergiler hasaplanýar. Irki döwürlerden bäri lukmanlar deňizde ýüzmegiň birnäçe kesellere garşy göreşmekde peýdalydygyny öňe sürýärler. Grek akyldary Gippokrat öz ýazgylarynda balykçylaryň köplenç elleriniň kesilýändigini, ýöne deňiz suwunyň täsiri netijesinde çalt bitýändigini belleýär. 1769-njy ýylda iňlis lukmany Riçard Rassel deňziň suwunyň hem içmek üçin ulanylyp bilinjekdigini aýdýar. Fransuz biology Rene Kwinton bolsa deňiz suwunda gan plazmasyna meňzeş elementleriň bardygy baradaky garaýşy öňe sürýär. Ýöne, bu babatda deňziň suwunyň arassa bolmalydygyny hem belleýär. Lukmançylykda talassoterapiýa diýlip atlandyrylýan deňiz bejergisi saglygy dikeltmek bilen bir hatarda, bedeniň alyş-çalşygyny çaltlandyrýar we artykmaç ýagy ýakmaga kömek edýär.

- Deňiz suwunyň deri üçin peýdalydygyny hemmämiz bilýäris. Kosmetika we derman senagatynda deňiz suwy çig mal hökmünde peýdalanylýar. Deňiz suwundan tapylan magniý deriniň ýaş we sagdyn bolmagyna ýardam edýär.
- Deňiz suwy düwürtikleri guratmakda täsirli bolup, deriniň täzelenmegi üçin hem peýdalydyr.
- Deňiz suwundaky magniý, brom, litiý maddalary alada we dartgynlylyk taýdan ejir çekýänleri bejermekde täsirli bejergi hasaplanýar. Bu maddalar beýnidäki melatoniniň we serotoniniň derejesini deňleşdirýär.
- Deňziň duzly suwy saçdaky goňagyň öňüni alýar we saçyň ýalpyldawuk görünmegine öz täsirini ýetirýär.
- Deňiz suwundaky ýod immuniteti güýçlendirýär. Witaminleriň we minerallaryň çeşmesi bolan deňiz suwy bedeni toksinlerden arassalamaga, gijilewük alamatlaryny aýyrmaga we deriniň öýjükleriniň açylmagyna mümkinçilik berýär. Antiseptik häsiýeti bolan deňiz suwy ýokançlyklara garşy göreşmäge, bedeniň kömeleklere, bakteriýalara we mikroblara garşy göreşijilik ukybyny güýçlendirmäge ýardam edýär.
- Ýüzýän wagtyň deňziň elektromagnit energiýa meýdanynda özüňi rahat duýýarsyň. Bu bolsa bedeniň täzelenmegine goşant goşýar. Şeýle hem gan aýlanyşyny kadalaşdyrmaga ýardam edýär. Deňziň howasynda gany we dokumalary arassalamaga kömek edýän ionlar hem bar.
- Hünärmenler deňiz kenarynda geçirilen bir günüň iň uly peýdasynyň beden üçin zerur bolan D witamini almakdygyny aýdýarlar. Deňiz kenarynda gezelenç edýän adamlar agşam ukusyny gowy alýarlar.



## ÇAGALAR

**Kengurular dikligine 3 metre, uzynlygyna 9 metre çenli aralyga böküp bilýärler.**

# Näme üçin aýak üstünde uklaýarlar?

**Her jandaryň özüne mahsus uklaýyş aýratynlygy bar. Mysal üçin, garynjalar iýmit daşap barýarka ýolda az salym uklaýan bolsa, kitler suwuň ýüzünde uka gidýärler. Döşünde şar şekilli gyzyl ösüntgisi bolan fregat guşlary bolsa uçup barýarka uklap bilýärler. Janly-jandarlaryň arasynda dik aýak üstünde uklap bilýänleri hem bar. At, zebra, žiraf, pil ýaly süýdemdirijiler we deňiz kenarlarynda ýaşaýan flamingolar aýak üstünde uklaýarlar. Eýsem, bu jandarlar näme üçin aýak üstünde uka gidýärlerkä?**

**Tebigaty öwreniji alymlaryň bellemegine görä, haýwanat dünýäsiniň agzalarynyň käbiri uklamak üçin howpsuz ýere geçýän bolsa, käbiri gözüni açyp uklaýar. Janly-jandarlaryň köpüsi uka gidende olaryň beýnisiniň diňe ýarymy dynç alýar, ýarym beýnisi bolsa howpsuzlygy üpjün etmek üçin işläp durýar. Göwresi uly süýdemdirijilerde dik durup uklamak endigi hem bar. At, zebra, žiraf, pil ýaly süýdemdirijiler ýabany tebigatda howp astynda ýaşaýarlar. Şol sebäpli bu jandarlar howp abanan ýagdaýynda gaçmaga taýyn bolmak üçin aýak üstünde uklaýarlar.**

Käbir süýdemdirijilerde, esasan hem, atlarda «dik durmak enjamy» diýilýän ýörite myşsa we dokuma gurluşy bar. Bu çeýe myşsalaryň kömegi bilen atlar aýagyny dik saklap, uklap bilýärler. Başgaça aýdylanda, atlar dynç alanda aýagy «gulplanýar» we bedeniň deňagramly saklanmagyny üpjün edýär. Atlar birnäçe sagatlap dik duran ýerinde uklap bilýärler.





Piller dik duran ýerinde az wagtlyk uka gidýärler. Äpet göwresi bilen tanalýan bu jandar hüşgär bolmak üçin günüň dowamynda az-azdan birnäçe gezek uklaýar.

Haýwanat dünýäsinde iň ýeňil uklaýanlaryň arasynda žiraf hem bar. Her gün ortaça 30 minutdan birnäçe gezek uklaýan uzyn boýly bu jandarlar günüň esasy bölegini işjeň ýagdaýda geçirýärler.

Zebralar hem atlar ýaly uklap ýatyrka deňagramlylygy saklamak üçin «aýagyny gulplamak» mehanizmini ulanýar. Sawannalaryň bezegi bolan alabeder jandarlar ýyrtyjylardan, esasan hem, ýolbarslardan goranmak üçin topar bolup aýak üstünde uka gidýärler.





Gülgün reňki we inçeden uzyn aýagy bilen tanalýan flamingolar hem dik durup, hatda bir aýagynyň üstünde hem ýatyp bilýärler. Alymlaryň pikirine görä, flamingolaryň aýak üstünde uklamagy bedeniň ýylylygyny saklamagyna we energiýa tygşytlamaga ýardam berýär.

Islendik jandar aýak üstünde uklamagy başarmaýar. Dik duran ýeriňde uklamak käbir jandaryň ýabany tebigatdaky ösen ewolýusiýa aýratynlygy bolup, özüni dürli howpdan goramak üçin ulanýan usulydyr. Käte sygyr, düýe ýaly öý jandarlary hem aýak üstünde uka gidýärler.

## Kenguru barada gyzykly maglumatlar

- **Kengurunyň 4 görnüşi bar. Olar gyzyl kenguru, Gündogar çal kenguru, Günbatar çal kenguru we antilopa-kenguru.**
- **Esasan, Awstraliýada ýaşaýan bu jandarlar Indoneziýada we Täze Gwineýa adasynda hem duş gelýär.**
- **Bu jandarlaryň öň aýagy kelte, art aýagy we guýrugy uzyn bolýar. Olar adatça towsup ýöreýärler.**
- **Hordalylar maşgalasyna degişli bu jandarlar çagasyny belli bir ýaşa ýetýänçä torbasynda göterip gezýärler.**
- **Kengurunyň üzümiň ululygyndaky kiçijik çagasy 6-8 aýdan soň enesiniň torbasyndan çykýar.**
- **Bu jandarlar ot, ir-iýmiş bilen birlikde, ownujak mör-möjekler bilen iýmitlenýärler.**
- **Kengurularyň iň uly görnüşi gyzyl kenguru bolup, boýy 2 metre, agramy 90 kilograma ýetýär.**
- **Torbalylar maşgalasynyň iň kiçisi bolan çal kengurular bolsa, Awstraliýanyň nyşany hasaplanýar.**
- **Adatça, haýaljak ýöreýän bu jandarlar bir zatdan gorkanda ýa-da howp abananda ylgap başlaýarlar. Kengurularyň tizligi sagatda 55 kilometre çenli ýetip bilýär.**
- **Kengurular dikligine 3 metre, uzynlygyna 9 metre çenli aralyga böküp bilýärler.**
- **20 ýyla çenli ýaşaýan bu jandarlar suwsuzlyga çydamly bolup, salkynda otlamaga çykýarlar.**
- **ABŞ-daky, Ýewropa we Aziýa ýurtlaryndaky haýwanat baglarynda kenguru saklanýan bölümler bar.**



## GELIŇ, BOWLING OÝNALYŇ!

Söwda-dynç alyş merkezlerinde, telewizorda, telefon oýunlarynda ýa-da sport desgalarynda geçirilýän oýunlarda bowlingi gören bolsaňyz gerek. Taryhçylar bu oýnuň ilkibaşda gadymy Müsürde oýnalandygyny belleýärler. Miladydan öňki 3200-nji ýyllarda gadymy Müsürde «çaga oýny» diýlip atlandyrylan bowlinge meňzeş oýun bolupdyr. Bu oýunda alabaster palçygyndan wazanyň şekiline meňzedilip ýasalan 9 sany çüýşe hem-de daşyna deri aýlanan däne gabygyndan ýasalan toplar ulanylypdyr. Bu oýnuň galyndylary 1895-nji ýylda Müsüriň Nakada şäherinde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde tapyldy. Şondan bäri birnäçe asyryň dowamynda dünýäniň dürli ýerlerinde oýnalan bowling XIX asyrda ýapyk binalarda geçirilýän sport oýunlarynyň hataryna goşulýar.

Gözüň we eliň hereketini sazlamagy, ýagny el bilen gözi birwagtda ulanmagy öwrenmäge ýardam edýän bu oýny öýde giňräk otagda ýa-da howluda hem oýnap bolýar. Ilki bilen, bowling şarynyň gitjek ýodajygynyň iki gyrasyny kesgitlemeli. Munuň üçin çyzyk çyzmak ýeterlik. Çüýşeleri urmak üçin ulanylýan şar hökmünde kiçeňräk ýumşak top ulanyp bilersiňiz. Ýodajygyň gutarýan ýerine üçburçluk görnüşinde 10 sany plastik çüýşe ýerleşdirmeli. 0,5, 1 ýa-da 1,5 litrlik gazlandyrylan içimlikleriň gabyny çüýşe hökmünde ulanyp bilersiňiz. Emma oýnuň düzgünine görä çüýşeleriň ählisiniň ululygy deň bolmaly. Ýodajygyň başlanýan tarapyna çyzyk çyzmaly. Oýunçylar çyzykdan geçmän, topjagazy çüýşelere tarap oklamaly. Çüýşeleriň aňsatlyk bilen ýykylmazlygy üçin içine suw ýa-da çäge guýup bilersiňiz. Çüýşeleri ýykmak näçe kynlaşdygyça oýun hem şonça çekeleşikli geçer. Oýnuň düzgünine seretmek üçin ululardan birini emin agza belläp bilersiňiz. Geliň, onda bowling oýnamaga başlalyň!





### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Labirint



### 7 tapawudy tapyň!



### Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



### Gyzykly pursat





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Ikinji aýlaw tamamlandy

Futbol boýunça Türkmenistanyň Milli ligasynda 2-nji aýlaw tamamlandy. «Arkadag» topary bilen «Altyn Asyr» toparynyň arasyndaky 10-njy tapgyryň wagty süýşürilen duşuşygynda 10 gol hasaba alyndy. Ýer eýeleriniň doly artykmaçlygynda geçen oýunda «Arkadag» topary 7–3 hasabynda ýeňiş gazandy. 1-nji ýarymda 4 gol salan «Arkadag» toparynyň adyndan Altymyrat Annadurdyýew 18-nji minutda, Begenç Akmämmedow 21-nji we 35-nji minutlarda, Şanazar Tirkişow 37-nji minutda, Şöhrat Söýünow 46-njy minutda (öz derwezesinden), Şamämmet Hydyrow 61-nji minutda hem-de Didar Durdyýew 72-nji minutda (p) tapawutlandy. Aragatnaşykçylardan Süleýman Muhadowyň (25), Rahman Myratberdiýewiň (53) hem-de Weýisgeldi Orazdurdyýewiň (68) gollary ýeňşe ýetmedi.

«Arkadag» topary bu duşuşykdan öň 9-njy tapgyryň galdyrylan oýnunda «Ahal» toparyny myhmançylykda 3–0 hasabynda ýeňdi. Gollaryň 3-si hem 2-nji ýarymda derweze girizilip, olary Altymyrat Annadurdyýew (56), Ýazgylyç Gurbanow (58) hem-de Begenç Akmämmedow (73) öz atlaryna ýazdyrdylar.

Çempionatyň 3-nji aýlawyna awgust aýynda badalga berler.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 14 | 14 | 0 | 0 | 55–7 | 42 |
| 2 | «AHAL» | 14 | 9 | 1 | 4 | 29–14 | 28 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 14 | 8 | 1 | 5 | 21–19 | 25 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 14 | 7 | 4 | 3 | 18–17 | 25 |
| 5 | «NEBITÇI» | 14 | 4 | 3 | 7 | 8–11 | 15 |
| 6 | «AŞGABAT» | 14 | 3 | 2 | 9 | 11–30 | 11 |
| 7 | «MERW» | 14 | 2 | 3 | 9 | 7–24 | 9 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 14 | 1 | 2 | 11 | 7–34 | 5 |

# «McLaren» toparynyň sürüjileri arany açýar

Formula 1 boýunça möwsümiň 11-nji ýaryşy Awstriýanyň Spilberg şäherinde geçirildi. 70 aýlawdan ybarat ýaryşda «McLaren» topary goşa üstünlik gazandy. Ýer eýesi «Red Bull» toparynyň sürüjileri üçin welin ýaryş şowsuz tamamlandy.




Ýaryşda 1-nji hatardan bat alan «McLaren» toparynyň britan piloty Lando Norris ýeňiş gazandy. Ol 1 sagat 23 minut 47,693 sekuntda ýaryşy tamamlap, möwsümdäki 3-nji, karýerasy boýunça-da 7-nji ýeňşini baýram etdi. Oňa ýeňiş medalyny F1-iň ozalky ýolbaşçysy, 94 ýaşyndaky meşhur işewür Berni Ekklestoun gowşurdy. Ol mundan öň 70 ýyllyk F1 karýerasynda ýeke gezek hem ýeňiş münberine çykyp görmändigini aýtdy.

Norrisiň topardaşy, awstraliýaly Oskar Piastri ýaryşy 2-nji orunda tamamlady. Ol topardaşyndan 2,695 sekunt soň pellehanadan geçmegi başardy. «Ferrari» toparynyň sürüjileri 3-4-nji orunlary eýeläp, 2-nji hatardan bat alan monakoly Şarl Lekler ýeňiş münberine çykdy. Britaniýaly Lýuwis Hamilton bolsa ýaryşy 4-nji orunda tamamlamagyň hötdesinden geldi. «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell 5-nji ýeri eýeledi.

«Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi, häzirki çempion Maks Werstappen ýaryşy tamamlap bilmedi. Ol şeýle wakany 2024-nji ýyldaky Awstraliýa «Gran Prisinden» soň ilkinji gezek başdan geçirdi. 1-nji aýlawda Werstappeniň ulagy Kimi Antonelliniň ulagy bilen çalarak çaknyşyp, niderland sürüji ýaryşy terk etmeli boldy. «Red Bull» toparynyň ýaponiýaly piloty Ýuki Tsunoda 16-njy orny eýeledi.

Şunlukda, 11-nji ýaryşdan soň «McLaren» toparynyň sürüjileri utuk aratapawudyny az-owlak açmagy başardylar. Sanawyň lideri Piastriniň 216, Norrisiň 201 utugy bar. 3-nji orundaky Werstappen 155 utuk toplamagy başardy.

F1-de indiki ýaryş 6-njy iýulda Beýik Britaniýanyň Silwerstoun şäherçesinde geçiriler.

# Braziliýadan hem-de Germaniýadan 2 topar çärýek finala çykdy

**ABŞ-da dowam edýän FIFA Klublar Dünýä Kubogy ýaryşynda çärýek finalçylar belli boldy. 1/8 finalyň çäginde geçirilen duşuşyklar ýatdan çykmajak taryhy wakalar bilen tamamlandy. Çärýek finala çykan toparlaryň 2-si Braziliýadan hem-de Germaniýadan bolup, Fransiýadyr Ispaniýadan, Angliýadan hem-de Saud Arabystanyndan 1 klub ýaryşy dowam edýär.**

Braziliýanyň 2 klubunyň özara duşuşygynda – «Palmeiras» bilen «Botafogonyň» arasyndaky oýunda ýeňijini goşmaça wagtda geçirilen ýeketäk gol kesgitledi. Esasy wagty golsuz tamamlanan brazil derbisinde «Palmeiras» topary Paulinionyň 100-nji minutdaky goly bilen «Botafogony» 1–0 hasabynda ýeňdi.

### 4 sagat 40 minutda tamamlandy

Esasy wagtda ýeňijisi kesgitlenmedik başga bir duşuşykda «Benfika» bilen «Çelsi» duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda iňlis topary Riis Jeýmsiň 64-nji minutda salan goly bilen 1–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne portugal topary Anhel Di Mariýanyň 90+5-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly esasynda hasaby deňledi. Goşmaça wagtda-da londonlylar has erjel oýun görkezdi. 2-nji 15 minutlykda 3 gol geçiren «Çelsiniň» adyndan Nkunku (108), Neto (114) hem-de Dýusburi-Holl (117) tapawutlanmagy başardy. Netijede, «Çelsi» 4-1 hasabynda üstün çykyp, ýarym finala adyny ýazdyrdy. Goşmaça wagtyň ilkinji minutlarynda «Benfika» topary meýdançada 1 oýunçy kem galdy. Duşuşygyň 85-nji minutynda güýçli ýagyp başlan ýagyş sebäpli, arakesme yglan edildi. Arakesme 1 sagat 55 minutlap dowam etdi. Goşmaça wagty-da hasaba alanyňda, duşuşyk 4 sagat 40 minutda tamamlandy.

### Messi öňki toparyndan ýeňildi

Ýyldyz oýunçy Lionel Messiniň öňki hem-de häzirki klublarynyň, ýagny PSŽ bilen «Inter Maýaminiň» arasyndaky oýunda parižlilere uly hasaply ýeňiş gazanmak kyn düşmedi. Eýýäm 1-nji ýarymda jogapsyz 4 gol geçiren fransuzlar 2-nji ýarymda oýnuň depginini az-owlak peseltdiler. Ilkinji gezek öňki toparyna garşy meýdança çykan Messiniň häzirki klubunyň derwezesinden ýeňiş gollaryny Ruben Neweş (6, 39), Awiles (44 ö.d.) hem-de Aşraf Hakimi (45+3) geçirdi.



4 golly ýeňiş gazanan 3-nji topar «Bawariýa» boldy. Maýami Gardens şäherinde Braziliýanyň «Flamengo» topary bilen duşuşan «Bawariýa» garşydaşyny 4–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ilkinji 10 minutda 2 gol salan «Bawariýanyň» adyndan Pulgar (6, ö.d.), Keýn (9, 73) hem-de Goretska (41) tapawutlandy. «Flamengodan» Žerson (33) hem-de Žoržinionyň (55 p) gollary ýeňşe ýetmedi.

### «Inter» üçin şowsuzlyklar möwsümi

Italiýanyň «Inter» topary üçin möwsüm şowsuz dowam edýär. Şarlott şäherinde Braziliýanyň «Fluminense» topary bilen duşuşan «Inter» 2–0 hasabynda asgyn geldi. Brazil kluby oýnuň başynda hem-de ahyrynda geçiren gollary bilen çärýek finala çykdy. Brazil toparyna ýeňiş getiren gollary 3-nji minutda 37 ýaşyndaky Kano hem-de 90+3-nji minutda 24 ýaşyndaky Herkules derweze girizdi. Duşuşykda «interlileriň» 2 urgusy sütünden yzyna gaýtdy. Şeýle-de, «Fluminenseniň» derwezeçisi erjel oýun görkezip, toparynyň çärýek finala çykmagynda uly rol oýnady. Şunlukda, çärýek finalyň bosagasyndan gaýdan «Inter» möwsümi kuboksyz tamamlar.

Italiýanyň Kubogy ýaryşynda ýarym finalda «Milandan» utulan «Inter» «Serie A»-da çempionlygy soňky tapgyrda «Napoli» toparyna aldyrdy. UEFA Çempionlar Ligasynyň finalynda bolsa PSŽ-den 5–0 hasabynda ýeňildi. FIFA Klublar Dünýä Kubogy ýaryşynda welin, 1/8 finaldaky duşuşyk olaryň soňky oýny boldy.

### Ilkinji aziýaly topar

FIFA Klublar Dünýä Kubogy ýaryşynda toparçadan çykmagy başaran Aziýa yklymynyň ýeke-täk wekili «Al Hilal» çärýek finalda oýnar. Toparçada «Real Madrid» toparyndan ýeňilmedik «Al Hilal» kluby 1/8 finalda «Mançester Siti» bilen duşuşdy. Orlandoda geçirilen duşuşykda janköýerler 7 goluň şaýady boldular. Esasy wagty deňlikde gutaran oýunda ýeňiji goşmaça wagtda kesgitlendi.

Duşuşygyň 1-nji ýarymy Bernardo Silwanyň 9-njy minutda geçiren goly esasynda iňlis klubunyň üstünliginde tamamlandy. 2-nji ýaryma gol bilen başlan «Al Hilal» 46-njy minutda Markos Leonardonyň goly esasynda hasaby deňläp, 52-nji minutda Malkomyň gol geçirmeginde öňe saýlandy. Ýöne dessine jogap beren «Mançester Siti» 55-nji minutda Erling Holannyň goly bilen hasaby deňledi. Duşuşygyň esasy wagty 2–2 hasabynda deňlikde tamamlandy.

Goşmaça wagtda-da «Al Hilal» topary 94-nji minutda Kalidu Kulibaliniň goly bilen öňe geçdi. 10 minutdan soň Fil Foden hasaby deňlese-de, 112-nji minutda Markos Leonardo «Al Hilaly» 4-nji gezek öňe çykaryp, oýna soňky nokady goýdy. Şunlukda, 4–3 hasabynda ýeňiş gazanan «Al Hilal» topary çärýek finala çykdy. «Al Hilal» topary halkara ýaryşlarda Ýewropanyň wekilini utan ilkinji aziýaly klub hökmünde hasaba alyndy.

«Al Hilal» toparynyň täze tälimçisi Simone Inzagi 2023-nji ýylda UEFA Çempionlar Ligasynyň finalynda «Inter» bilen ýeňip bilmedik «Mançester Siti» toparyny arap kluby bilen utmagy başardy.

### Garsiýa 3-nji goluny geçirdi

Tapgyryň iň öňe saýlanýan duşuşygynda «Real Madrid» topary Maýami şäherinde «Ýuwentusy» 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Esasanam, 2-nji ýarymda ispan toparynyň artykmaçlygy duýlup, madridlileriň ýeke-täk goluny 54-nji minutda Trent Aleksander-Arnoldyň pasyndan soň Gonzalo Garsiýa geçirdi. Bu onuň şu ýaryşdaky 4-nji duşuşygynda 3-nji goludyr. Duşuşygyň galan minutlarynda-da «really» futbolçylar erjel oýun görkezse-de, hasap üýtgemedi.

Beýleki duşuşykda bolsa Dortmundyň «Borussiýa» topary Atlantada Meksikanyň «Monterreý» toparyndan 2–1 hasabynda üstün çykdy. Nemes kluby 1-nji ýarymda Seru Girassiniň 14-nji hem-de 24-nji minutlarda geçiren gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. 2-nji ýarymyň başynda, 48-nji minutda Berterameniň goly meksikanlar üçin ýeňşe ýetmedi. Şeýlelikde, «Borussiýa Dortmund» iň soňky çärýek finalçy boldy.

### Çärýek finalda

Çärýek finalda futbol janköýerlerine biri-birinden gyzykly bolar diýlip çaklanylýan 4 duşuşyk garaşýar. Duşuşyklar 5-6-njy iýulda şenbe we ýekşenbe günleri oýnalar.

Çärýek finalyň 1-nji oýnunda Ýewropanyň öňdebaryjy 2 toparyny ýaryşdan çykan klublar – Braziliýanyň «Fluminense» topary bilen Saud Arabystanynyň «Al Hilal» topary duşuşar. Duşuşyk anna gününden şenbe gününe geçilýän gijede oýnalyp, Aşgabat wagty bilen 00:00-da başlanar. Duşuşyk Orlandodaky «Camping World Stadium»-da oýnalar. Bu duşuşykdan 6 sagat soň, has takygy, 5-nji iýulda, şenbe güni ir säher 06:00-da Filadelfiýadaky «Lincoln Financial Field» stadionynda «Palmeiras» (Braziliýa) bilen «Çelsiniň» (Angliýa) arasyndaky duşuşygyň ilkinji jürlewügi ýaňlanar. Şenbe güni agşam, has takygy, Aşgabat wagty bilen 21:00-da PSŽ bilen «Bawariýa» ýarym finala çykmak üçin güýç synanyşar. Duşuşyk Atlanta şäherindäki «Mercedes-Benz» stadionynda oýnalar. Çärýek finalyň 4-nji duşuşygy bolsa şenbe gününden ýekşenbe gününe geçilýän gijede, ýarygijeden soň, 01:00-da başlap, Nýu Jersidäki «MetLife Stadium»-da «Real Madrid» bilen «Borussiýa Dortmund» toparlary özara duşuşarlar. Mahlasy, çärýek finalyň 4 duşuşygy 25 sagadyň dowamynda geçiriler.

PSŽ bilen «Bawariýanyň» 2020-nji ýylda, «Real Madrid» bilen «Borussiýa Dortmundyň» bolsa 2024-nji ýylda UEFA Çempionlar Ligasynyň finalynda duşuşandyklaryny bellemek gerek.



Çärýek finalda ýeňiş gazanan toparlar 9-10-njy iýulda ýarygijeden soň başlanjak ýarym final oýunlarynda duşuşarlar.

*1/4 finalyň duşuşyklary*

**Fluminense – Al Hilal** (5-nji iýul, şenbe, 00:00) – «Camping World Stadium», Orlando

**Palmeiras – Çelsi** (5-nji iýul, şenbe, 06:00) – «Lincoln Financial Field», Filadelfiýa

**PSŽ – Bawariýa** (5-nji iýul, şenbe, 21:00) – «Mercedes Benz Stadium», Atlanta

**Real Madrid – Borussiýa D** (6-njy iýul, ýekşenbe, 01:00) – «MetLife Stadium», Nýu Jersi














# Ýzly-yzyna 3-nji ýeňşi

Moto GP boýunça möwsümiň 10-njy «Gran Prisi» Niderlandlaryň Assen şäherinde geçirilip, sanawyň lideri Mark Markes nobatdaky ýeňşini gazandy. «Ducati Lenovo» toparynyň ispan sürüjisi Mark Markes 26 aýlawy 40 minut 14,072 sekuntda tamamlady. Bu onuň bassyr 3-nji, şu möwsümdäki 6-njy, karýerasy boýunça-da 68-nji ýeňşidir.



Mark Markesden 0,635 sekunt gijä galan «Aprilla Racing» toparynyň italýan sürüjisi Matteo Bezzekki 2-nji orny eýeledi. Ýeňijiniň italiýaly topardaşy Françesko Banaia sanawyň liderinden 2,666 sekunt soň pellehanadan geçip, 3-nji orna mynasyp boldy.

Ýeňijiniň inisi Aleks Markese («BK8 Gresini Racing») ýaryşy tamamlamak başartmady. Ol şu möwsümde 2-nji gezek utuk gazanyp bilmedi.

Sürüjileriň sanawynda Mark Markesiň liderligi dowam edip, ol 10 ýaryşda 307 utuk toplady. 2-nji ýerde Aleks Markes bolup, ol agasyndan 68 utuk yzda barýar. 3-nji basgançakdaky Françesko Banaianyň 181 utugy bar. 4-5-6-njy orunlarydа beýleki italiýaly sürüjiler eýeläp gelýär.

Möwsümiň 11-nji ýaryşy «Liqui Moly Gran Prisi» 13-nji iýulda Germaniýanyň Hohenştaýn-Ernstall şäherinde geçiriler.

# Möwsümde ilkinji gezek

Dünýä Ralli çempionatynda (WRC) möwsümiň 7-nji ýaryşy Akropolis Rallisi Gresiýada guraldy. Afinyda başlap, Lamiýada tamamlanan ýaryş 17 tapgyrdan we 345,76 kilometrden ybarat boldy.



Ýaryşy 4 sagat 12 minut 20,1 sekuntda tamamlan «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly piloty Ott Tanak 1-nji orny eýeledi. Bu onuň şu möwsümdäki ilkinji, karýerasy boýunça-da 22-nji ýeňşidir. Tanakdan 32,8 sekunt yza galan «Toyota Gazoo Racing» toparynyň fransuz sürüjisi Sebastian Ožie 2-nji, ýeňijiniň topardaşy, başga bir fransiýaly pilot Adrien Furmo 3-nji orna mynasyp boldy. Sanawyň lideri Elfin Ewans («Toyota Gazoo Racing») bassyr 2-nji gezek 4-nji orny eýeledi.

Sürüjileriň sanawynda Ewans 150 utuk bilen öňde barýar. Ondan 9 utugy az Ožie 2-nji ýeri eýeleýär (141 utuk). 3-nji orundaky Ott Tanakyň 138 utugy bar. Möwsümiň 8-nji ýaryşy 17-20-nji iýul aralygynda Estoniýanyň Tartu şäherinde geçiriler.

# Messiden öňde Juninio bilen Pele bar

FIFA Klublar Dünýä Kubogy ýaryşynda «Inter Maýami» topary toparçadaky 2-nji duşuşygynda «Portony» 2-1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda amerikan klubuna ýeňiş getiren 2-nji goly toparyň argentinaly ýyldyzy Lionel Messi geçirdi. Ol 54-nji minutda jerime meýdançasynyň daşyndaky ýarym halkanyň gutarýan ýerinden, derwezäniň göni gabadyndan ýerine ýetiren erkin urgusy bilen topy tora girizdi. Bu onuň karýerasy boýunça jerime urgusyndan geçiren 68-nji goly hökmünde hasaba alyndy.

Messi jerime urgularyndan gol geçirmekde 3-nji orunda barýar. Ondan öňde braziliýaly futbolçylar bolup, futbolyň şasy, merhum Pele 70 gol bilen 2-nji ýeri eýeleýär. Sanawyň başynda bolsa, esasanam, juda uzak aralyklardan topy batly urgy bilen derweze geçirmekde ussatlyk görkezen Juninio Pernambukano gelýär. Ol 77 goly jerime urgusyndan geçirmegi başardy.

Braziliýaly meşhur ýyldyz oýunçy Ronaldinionyň, şol sanda argentinaly futbolçy Wiktor Legrottalianyň jerime urgularyndan 66 goly bar. Angliýaly ozalky ýyldyz oýunçy Dewid Bekham jerime urgusyndan 65 gol geçirip, sanawda 6-njy orny eýeleýär. Dünýä futbolynyň başga bir ýyldyzy Kristiano Ronaldonyň 64 goly bolup, ol sanawda 7-nji orunda barýar.

Lionel Messi jerime urgusyndan derweze girizen gollarynyň 50-sini «Barselonada», 11-sini milli toparda, 5-sini «Inter Maýamide» hem-de 2-sini PSŽ-de geçirdi.







# Sportuň taryhynda iň gymmat şertnama

Amerikan Milli basketbol ligasy NBA-nyň meşhur toparlaryndan «Los Anjeles Leýkersiň» eýesi üýtgär. Has takygy, NBA-nyň iň köp çempionlyk gazanan 2-nji toparynyň häzirki eýesi Basslaryň maşgalasy kluby satuwa çykardy. Netijede, toparyň täze eýesi MLB-niň klublaryndan «Los Anjeles Dojersiň» hem paýnamalarynyň eýesi Mett Wolter bolar. Bu barada taraplaryň ylalaşyk gazanandygy habar berilýär. Wolter «Los Anjeles Leýkersiň» paýnamalarynyň agramly bölegi üçin 10 milliard amerikan dollaryny Basslaryň maşgalasyna tölär. Basslaryň maşgalasy «LA Leýkersi» 45 ýyl öň 67,5 million amerikan dollaryna satyn alypdy.

Angliýanyň «Premier Ligasynyň» wekillerinden «Çelsi» bilen bir hatarda, WNBA-nyň klublaryndan «Los Anjeles Sparksyň» esasy paýdary bolan Wolter 2021-nji ýyldan bäri «Los Anjeles Leýkers» toparynyň hem 21 göterimlik paýnamasynyň eýesidi. Şeýlelikde, «Los Anjeles Leýkers» sport äleminiň taryhynda iň ýokary baha satyn alnan klub bolar. Bu ugurda ozalky rekord NBA-nyň başga bir kluby, iň köp çempionlyk gazanan topar «Boston Seltikse» degişlidi (6,1 milliard amerikan dollary).

1. Los Anjeles Leýkers – NBA | 10 milliard $
2. Boston Seltiks – NBA | 6,1 milliard $
3. Waşington Kommanders – NFL | 6,05 milliard $
4. Çelsi – APL | 5,3 milliard $
5. Denwer Bronkos – NFL | 4,7 milliard $
6. Finiks Sans – NBA | 4 milliard $
7. Milwaki Baks – NBA | 3,5 milliard $
8. Nýu Ýork Mets – MLB | 2,4 milliard $
9. Bruklin Nets – NBA | 2,4 milliard $
10. Karolina Panters – NFL | 2,2 milliard $

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# UEFA Çempionlar Ligasynyň 71-nji möwsümine badalga berler

**Diňe bir Ýewropada däl, eýsem, tutuş dünýäde-de klub futbolynyň iň esasy bäsleşigi hasaplanýan UEFA Çempionlar Ligasy ýaryşynyň 70 möwsümi yzda galdy. 70-nji möwsümde Fransiýanyň PSŽ topary finalda «Interi» final duşuşyklarynyň iň uly aratapawutly ýeňşi bilen ýeňip, taryhynda ilkinji gezek çempionlyk gazandy. Täze möwsüme, has takygy, 71-nji möwsümiň saýlama tapgyryna 8-nji iýulda badalga berler.**

Jemi 36 klubuň gatnaşýan ýaryşy liga görnüşde geçiriler. 36 klubuň 29-sy belli bolup, olar şol toparlaryň geçen möwsümde görkezen netijeleri esasynda kesgitlenilýär. Galan 7 topar üçin 53 klub 4 tapgyrdan ybarat bolan saýlama oýunlaryny oýnarlar.




29 klubuň 6-sy Angliýadan bolup, ýaryşyň taryhynda bir ýurtdan ilkinji gezek 6 topar wekilçilik eder. Şol 6 toparyň 3-si London şäheriniň klublarydyr. Şeýle-de, 29 klubuň arasynda Belgiýanyň çempiony «Ýunion Sent-Žilluaz» topary taryhynda ilkinji gezek bu ýaryşda çykyş eder.

Häzirki wagtda 1–2-nji saýlama tapgyrynyň bijeleri belli bolup, 2 tapgyryň hem duşuşyklary şu aýyň dowamynda tamamlanar. 3-nji saýlama tapgyrynyň bijeleri 21-nji iýulda çekiler, duşuşyklar 5–6-njy hem-de 12-nji awgustda oýnalar. 4-nji awgustda pleý-off tapgyrynyň bijeleri belli bolup, duşuşyklar 19–20-nji hem-de 26–27-nji awgustda geçiriler. Liga tapgyrynyň bijeleri, has takygy, haýsy klublaryň haýsy klublar bilen duşuşyk geçirjekdigi 28-nji awgustda guraljak bije çekiliş dabarasynda mälim ediler. Liga tapgyrynyň duşuşyklaryna-da 16-njy sentýabrda badalga berler. 36 klubuň hersi 8 duşuşyk geçirer. Şol duşuşyklaryň 6-sy şu ýylyň dowamynda oýnalsa, galan 2-si geljek ýylyň ýanwar aýynda geçiriler.

UEFA Çempionlar Ligasynda geljek ýylyň fewral aýynda pleý-off duşuşyklary, mart aýynda 1/8 finalyň oýunlary, aprel aýynda çärýek finalyň, aprel we maý aýlarynda-da ýarym finalyň duşuşyklary oýnalar.

Final duşuşygy bolsa geljek ýylyň 30-njy maýynda Wengriýanyň paýtagty Budapeştdäki «Puşkaş Arena» stadionynda geçiriler.

**1-nji saýlama tapgyrynyň duşuşyklary (8–9-njy, 15–16-njy iýul):**

Žalgiris (Latwiýa) — Hamrun Spartans (Malta), KuPS (Finlýandiýa) — Milsami Orhei (Moldowa), Nýu Seýnts (Uels) — Şkendiýa (D. Makedoniýa), Iberiýa 1999 (Gruziýa) — Malmö (Şwesiýa), Lewadiýa (Estoniýa) — RFS (Latwiýa), Drita (Kosowo) — Differdanž 03 (Lýuksemburg), Wikingur (Farer adalary) — Linkoln Red Imps (Gibraltar), Egnatiýa (Albaniýa) — Breidablik (Islandiýa), Şelburn (Irlandiýa) — Linfild (D. Irlandiýa), FKSB (Rumyniýa) — Inter Klub d'Eskaldes (Andorra), Wirtus (San Marino) — Zrýinski Mostar (Bosniýa we Gersegowina), Olimpiýa Lýublýana (Sloweniýa) — Kairat (Gazagystan), Noa (Ermenistan) — Buduknost Podgorisa (Garadag), Ludogores Razgrad (Bolgariýa) — Dinamo Minsk (Belarus)

**2-nji saýlama tapgyrynyň duşuşyklary (22–23-nji, 29–30-njy iýul):**

Çempion toparlar: Lewadiýa/RFS — Iberiýa 1999/Malmö, Žalgiris/Hamrun Spartans — Dinamo Kiýew (Ukraina), Pafos (Kipr) — Makkabi T. (Ysraýyl), Wikingur/Linkoln Red Imps — Srwena Zwezda (Serbiýa), Noa/Buduknost Podgorisa — Ferenswaroş (Wengriýa), Leh Poznan (Polşa) — Egnatiýa/Breidablik, Kopengagen (Daniýa) — Drita/Differdanž 03, Riýeka (Horwatiýa) — Ludogores Razgrad/Dinamo Minsk, Nýu Seýnts/Şkendiýa — FKSB/Inter Klub d'Eskaldes, Slowan Bratislawa (Slowakiýa) — Wirtus/Zrýinski Mostar, Şelburn/Linfild — Garabag (Azerbaýjan), KuPS/Milsami Orhei — Olimpiýa Lýublýana/Kairat

Çempion däl toparlar: Brann (Norwegiýa) — Red Bull Salsburg (Awstriýa), Wiktoriýa Plzen (Çehiýa) — Serwett (Şweýsariýa), Reýnjers (Şotlandiýa) — Panatinaikos (Gresiýa)

**3-nji saýlama tapgyryna goşulýan toparlar:**

Nissa (Fransiýa), Feýenoord (Niderlandlar), Benfika (Portugaliýa), Klub Brýugge (Belgiýa), Fenerbahçe (Türkiýe)

**Pleý-off tapgyryna goşulýan toparlar**:

Seltik (Şotlandiýa), Bazel (Şweýsariýa), Şturm Gras (Awstriýa), Bude-Glimt (Norwegiýa)

**Liga tapgyryna gatnaşýan toparlar:**

Liwerpul, Arsenal, Mançester Siti, Çelsi, Nýukasl, Tottenham (Angliýa), Napoli, Inter, Atalanta, Ýuwentus (Italiýa), Barselona, Real Madrid, Atletiko Madrid, Atletik Bilbao, Wilýarreal (Ispaniýa), Bawariýa, Baýer, Aýntraht, Borussiýa Dortmund (Germaniýa), PSŽ, Marsel, Monako (Fransiýa), PSW, Aýaks (Niderlandlar), Sporting (Portugaliýa), Ýunion Sent-Žilluaz (Belgiýa), Galatasaraý (Türkiýe), Slawiýa Praga (Çehiýa), Olimpiakos (Gresiýa)



# Garaşylýan final: ABŞ – Meksika

**Futbol boýunça Demirgazyk we Merkezi Amerika hem-de Karibleriň çempionaty bolan KONKAKAF Altyn Kubok ýaryşynda hemişekiler ýaly garaşylýan final duşuşygy oýnalar. Ýagny finalda ýene-de ABŞ bilen Meksikanyň ýygyndylary duşuşarlar.**

Çärýek finalda 3 ýeňiji oýundan soňky 11 metrlik jerime urgularynyň netijesinde belli boldy. Panama bilen Gondurasyň arasyndaky oýnuň esasy wagty 1-1 hasabynda deňlikde tamamlandy (Diaz 45+1 p – Lozano 82). Oýundan soňky 11 metrlik jerime urgularynyň netijesinde Gondurasyň ýygyndysy 5-4 hasabynda üstün çykmagy başardy.

Meksika bilen Saud Arabystanynyň milli ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda myhmanlar 2-0 hasabynda asgyn geldi. Meksikanyň ýygyndysyna ýeňiş getiren gollary Wega (49) bilen Madu (81 ö.d.) derweзä girizdi.

Kanada bilen Gwatemalanyň milli toparlarynyň özara oýnunda esasy wagtda üstünlik gazanan bolmady (Jonatan Dewid 30 p — Rubin 69). Duşuşykdan soňky 11 metrlik jerime urgularyny has erjel uran gwatemalaly futbolçylar 6-5 ýeňiş gazanyp, ýarym finalçy boldy.

Ýer eýeleri ABŞ-nyň ýygyndysy bilen Kosta Rikanyň ýygyndysynyň arasyndaky duşuşygyň esasy wagty 2-2 deňlikde gutardy (Luna 43, Arfsten 47 – Kalwo 12 p, Martines 71). 11 metrlik jerime urgularynda amerikaly futbolçylar az ýalňyşlyk goýberip, 4-3 hasabynda ýeňiş gazandy.

Deňlikde tamamlanan duşuşyklarda goşmaça wagt berilmezden 11 metrlik jerime urgulary ýerine ýetirildi.

Ýarym finalda ýer eýeleri ABŞ-nyň ýygyndysyna Gwatemalanyň milli toparyny ýeňmek kyn düşmedi. 2-1 hasabynda ýeňiş gazanan amerikanlaryň gollarynyň ikisini hem 4-nji we 15-nji minutlarda Diego Luna geçirdi. Gwatemalanyň ýeke-täk goluny bolsa 80-nji minutda Eskobar öz adyna ýazdyrdy.





Meksikanyň ýygyndysy bolsa ýarym finalda Gondurasyň milli toparyny Raul Himenesiň 50-nji minutdaky goly esasynda ýeňlişe sezewar etdi.

Final duşuşygy 7-nji iýulda Aşgabat wagty bilen daňdan 04:00-da başlanar. Duşuşyk Hýustondaky «NRG Stadium»-da oýnalar. ABŞ-nyň ýygyndysy 13-nji, Meksikanyň ýygyndysy 12-nji gezek finalda oýnamaga hukuk gazandy.

Häzirki ady bilen 18-nji gezek, ýagny 1991-nji ýyldan bäri geçirilýän ýaryşda ABŞ bilen Meksikanyň ýygyndylary mundan öň 7 gezek finalda duşuşdylar. Şolaryň 5-sinde meksikanlar, 2-sinde amerikanlar ýeňiş gazandy. Bu ýaryşda Meksikanyň 9, ABŞ-nyň 7 çempionlygy bolup, latyn amerikalylar ýeňiş gazanyp, arany açmakçy bolýar. Amerikanlar bolsa aratapawudy azaltmak üçin meýdança çykarlar.

ABŞ bilen Meksikanyň ýygyndylary mundan öň umumylykda 78 gezek özara duşuşdy. Şolarda Meksikanyň ýygyndysy 24, ABŞ-nyň ýygyndysy 17 gezek ýeňiş gazanyp, 34 oýun deňlikde tamamlandy. Gollarda-da meksikanlar 147-92 öňde barýar.

# Çykyş eden kluby aşaky liga düşýär

Italiýaly futbolçy Kristian Dalle Mura täsin statistikany başdan geçirýär. 23 ýaşyndaky merkezi goragçynyň oýnan kluby aşaky liga, has takygy, Italiýanyň 3-nji ligasyna («Serie C») düşýär. Bu statistika eýýäm bassyr 4-nji möwsüm gaýtalanýar.

Karýerasyna 2020-nji ýylda «Serie A»-da «Fiorentinada» başlan Dalle Mura florensiýalylaryň düzüminde bary-ýogy ýekeje duşuşyk geçirýär. «Fiorentina» topary ony başga klublara kärendesine ugradýar.

Ol 2021-nji ýylyň ýanwarynda şol wagtlar «Serie B»-de çykyş edýän «Rejina» toparyna ýollanylýar. Täze möwsümde ýene-de «Serie B»-niň «Kremonese» toparyna ugradylan Dalle Mura bu klubda 1 duşuşyk hem geçirmän gyşda yzyna gaýdýar. «Fiorentina» topary ony möwsümiň ahyryna çenli «Serie B»-niň başga bir kluby «Pordenone» toparyna kärendesine berýär. Ol bu klubda 17 oýunda çykyş edýär. Ýöne klub 20-nji orny eýeläp, aşaky liga «Serie C» düşýär.



Dalle Mura 2022-nji ýylyň tomsunda «Serie B»-de çykyş edýän SPAL toparynyň wagtlaýynça oýunçysy bolýar. Ýagny «Fiorentina» ony ýene-de kärendesine berýär. SPAL-da 27 duşuşykda meýdança çykýar. Möwsümi 19-njy orunda tamamlan SPAL hem 3-nji liga düşýär.

Ýaş oýunçy möwsümiň ahyrynda «Fiorentina» dolanýar. Ol ýarym möwsüm bu klubuň düzüminde galsa-da, 1 oýunda-da meýdança çykmak mümkinçiligini alyp bilmeýär. 2024-nji ýylyň ýanwarynda klubuň ýolbaşçylary ony ýene-de has kämilleşmegi üçin kärendä ugradýarlar. Bu gezek hem «Serie B» ugradylan ýaş goragçy «Ternana» kluby bilen möwsümiň ahyryna çenli ylalaşyk gazanýar. «Ternana» toparynda 14 duşuşyk geçirýär. Mundan öňki möwsümi 14-nji orunda tamamlan «Ternana» bu möwsümde 16-njy orny eýeleýär. Pleý-off tapgyrynda-da utulyp, aşaky liga düşmeli bolýar.

Futbolçy bu gezek «Fiorentina» dolanmaýar. Klub ony «Serie B»-niň başga bir topary «Kosenza» toparyna ymykly ugradýar. Ýagny «Kosenza» topary ony transfer edýär. Kalabriýalylar bilen




3 ýyllyk şertnama baglaşan Dalle Mura täze toparynda 23 gezek meýdança çykýar. «Kosenza» topary «Serie B»-ni 20-nji orunda tamamlaýar we 6 möwsümden soň «Serie C», 3-nji liga düşýär.

Italiýanyň dürli ýaşlardaky ýygyndy toparlarynda-da ençeme duşuşyk geçiren ýaş futbolçy häzirlikçe «Kosenza» toparynda karýerasyny dowam etdirer. «Kosenza» toparynyň täze möwsümde nähili netije görkezjekdigi bolsa, eýýämden janköýerleri içgin gyzyklandyrýar.

# TRANSFER TÄZELIKLERI

### «Liwerpulyň» täze futbolçylary

● Angliýanyň «Liwerpul» topary dowam edýän transfer möwsüminiň iň işjeň kluby bolup, düzümine 3-si derwezeçi 6 futbolçyny goşdy. «Premier Liganyň» soňky çempiony Germaniýanyň çempionaty «Bundesliganyň» wise-çempiony «Baýerden» 2 futbolçyny aldy. Mersiýadlylar ilki sag gyraky goragçy Jeremi Frimpongy 35 million ýewro transfer etdi. Trent Aleksander-Arnoldyň ornuna alnan 24 ýaşyndaky Frimpong bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşyldy. «Liwerpulyň» 2-nji transferi «Baýeriň» ýyldyzy Florian Wirts bolup, iňlis kluby germaniýaly hüjüme golaý ýarymgoragçy üçin lewerkuzenlilere 137 million ýewro tölär. Şol mukdaryň 117 milliony oýunçynyň gönümel tölegi bolup, galany goşmaça tölegler bolar. Şunlukda, Wirts Premier Liganyň iň gymmat transferi hökmünde bellige alyndy. 22 ýaşyndaky Wirts täze topary bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Wirts «Baýerde» 6 möwsüm oýnap, ol 197 oýunda 57 goly derweзä girizdi.









«Liwerpul» toparynyň 3-nji transferi «Bornmut» toparynyň çep gyraky goragçysy Miloş Kerkez bolup, ol 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Iňlis kluby 21 ýaşyndaky wengriýaly oýunçy üçin «Bornmuta» 47 million ýewro tölär. Kerkez «Bornmutda» 2 möwsümde 74 oýunda 2 gezek tapawutlandy.

«Liwerpul» topary 3 sany derwezeçini hem transfer edip, Wengriýanyň «Puşkaş Akademiýa» klubundan 20 ýaşyndaky Armin Peçi bilen uzak möhletleýin şertnama baglaşdy (1,8 million ýewro). Şeýle-de, geçen tomusda transfer edilen «Walensiýanyň» gruziýaly derwezeçisi Giorgi Mamardaşwili hem klubuň düzümine goşuldy. «Liwerpul» 24 ýaşyndaky derwezeçini 30 million ýewro transfer edip, onuň bilen uzak möhletleýin şertnama gol çekişdi. «Liwerpulyň» transfer eden 3-nji derwezeçisi 2-nji liganyň wekillerinden «Preston Nort End» toparyndan 28 ýaşly Freddi Wudman boldy. «Liwerpul» angliýaly derwezeçini tölegsiz transfer etdi.

Umumylykda, «Liwerpul» ýokarda ady agzalan futbolçylar üçin 230 million ýewro golaý çykdajy etdi.

### «Beşiktaş» angliýaly ýyldyz hüjümçini transfer etdi

● Türkiýäniň «Beşiktaş» topary Italiýanyň «Roma» klubundan iňlis hüjümçi Temmi Abrahamy düzümine goşdy. Türk topary 27 ýaşyndaky hüjümçiniň transferi üçin rimlilere 20 million ýewro berer. «Beşiktaş» bilen 2029-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşan Abraham ýyllyk 5 million ýewro hak alar. 2017-nji ýylda «Çelside» futbola başlan Abraham londonlylaryň düzüminde 82 oýunda 30 gol geçirdi. Ol «Bristol Siti», «Swansi Siti», «Aston Willa» ýaly klublarda kärendesine çykyş edenden soň, 2021-nji ýylda «Roma» transfer boldy. Paýtagtlylarda 3 möwsüm oýnan Abraham geçen möwsümi «Milanda» kärendesine geçirdi. Abraham klublarda jemi 373 duşuşykda 137 gezek tapawutlandy. Onuň Angliýanyň ýygyndysynda-da 11 oýunda 3 goly bar.




### Pogba hem-de Fati «Monakoda»

● Fransiýaly meşhur futbolçy Pol Pogba «Ligue 1»-iň öňdebaryjy toparlaryndan «Monakonyň» düzümine goşuldy. Doping sebäpli 18 aýlyk jerimesi tamamlanan 32 ýaşyndaky ýarymgoragçy «Monako» bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Karýerasy boýunça «Mançester Ýunaýted» hem-de «Ýuwentus» klublarynyň ikisinde-de 2 dürli döwürde oýnan tejribeli oýunçy Fransiýanyň milli toparynda 91 duşuşykda 11 pökgini derweзä girizdi.







«Monako» topary «Barselonadan» Ansu Fatini hem düzümine goşdy. «Ligue 1»-iň wekili 22 ýaşyndaky ýarymgoragçy bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. «Monako» topary gerek bolan ýagdaýynda Fatini geljek tomusda 11 million ýewro berip, ymykly düzümine goşup hem biler. Ol «Monakoda» 31-nji belgili köýnekçäni geýer. 2019-njy ýylda «Barselonada» futbola başlan Fati katalonlarda 123 oýunda 29 gol geçirdi. Ol 2023/24 möwsüminde «Braýtonda» kärendesine çykyş edipdi.

### «Çelsi» ýene-de «Braýtondan» futbolçy aldy

● Angliýanyň «Çelsi» kluby soňky ýyllarda bolşy ýaly, bu möwsümde-de «Braýton» toparyndan ýene bir futbolçyny transfer etdi. Londonlylar «Braýtondan» braziliýaly hüjümçi Žoao Pedrony 63,7 million ýewro berip, düzümine goşdy. «Çelsi» oýunçynyň görkezjek başarnygyna bagly 5,8 million ýewro goşmaça tölegler hem eder. «Fluminense», «Watford» hem-de «Braýton» toparlarynda oýnan 23 ýaşyndaky hüjümçi «Çelsi» bilen 8 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Pedro geçen möwsümde APL-de 27 oýunda 10 gol geçirdi. «Çelsi» mundan öň, 2022-nji ýylda Mark Kukurelýany, 2023-nji ýylda Moýses Kaisedony «Braýtondan» alypdy.



«Çelsi» topary şu tomusda «Genkden» belgiýaly derwezeçi Maýk Pendersi, «Sportingden» portugaliýaly ýarymgoragçy Dario Essugony, «Ipswiç Tawndan» angliýaly hüjümçi Liam Delapy hem-de «Strasburdan» fransiýaly goragçy Mamadu Sarry transfer edipdi.

### Kepa Londonyň beýleki klubunda oýnar

● «Çelsi» toparynyň ispaniýaly derwezeçisi Kepa Arrizabalaga Londonyň başga klubuna – «Arsenala» transfer boldy. «Arsenal» 30 ýaşyndaky derwezeçini 5 million funt sterlinge (5,9 million ýewro) transfer etdi. Kepa geçen möwsümi kärendesine oýnap, 31 oýunda derwezäni gorady (8 duşuşykda gol geçirtmedi). 2018-nji ýylda «Atletik Bilbaodan» transfer edilen Kepa üçin «Çelsi» 80 million ýewro töläpdi. Ol dünýäniň iň gymmat derwezeçisi bolupdy. Londonlylaryň düzüminde 163 duşuşykda oýnan Kepa Çempionlar Ligasynyň Kubogyny gazandy. Kepa 2023/24 möwsüminde «Real Madridde» kärendesine oýnapdy.




### Baena madridlileriň düzümine goşuldy

● Ispaniýanyň «Atletiko Madrid» topary ýurduň başga bir kluby «Wilýarrealdan» Aleks Baenany 45+5 million ýewro transfer etdi. 23 ýaşyndaky ispan ýarymgoragçysy madridliler bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Wilýarrealda» 5 möwsüm oýnan Baena 148 oýunda 26 goly öz adyna ýazdyrdy. Baena 2021/22 möwsüminde 2-nji ligada «Žirona» toparynyň köýnekçesini geýipdi. Baena Ispaniýanyň milli ýygyndysynda-da 10 gezek meýdança çykyp, 2 gezek tapawutlanmagy başardy.




### Kuansany «Baýere» ugratdy

● Germaniýanyň çempionaty «Bundesliganyň» wise-çempiony «Baýer» topary «Liwerpuldan» Jarell Kuansany transfer etdi. 22 ýaşyndaky çep gyraky goragçy üçin nemes topary 35,1+5,8 million ýewro tölär. Kuansa lewerkuzenliler bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Liwerpul» Kuansany yzyna transfer etmek islese, onda iňlis kluby «Baýere» 60 million ýewro tölemeli bolar. Kuansa «Liwerpulda» soňky 2 möwsüm esasy düzümde oýnap, ol 58 gezek mersisaýdlylaryň köýnekçesini geýdi.



### Lakazett Saud Arabystanynyň çempionatynda oýnar

● Saud Arabystanynyň çempionatynyň täze klublaryndan «Neom» topary «Liondan» gaýdan fransiýaly meşhur hüjümçi Aleksandre Lakazetti tölegsiz transfer etdi. Arap kluby 34 ýaşyndaky oýunçy bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Lakazett karýerasy boýunça «Lion» hem-de «Arsenal» klublarynda oýnady. Ol «Lionda» 2 döwürde çykyş edip, 391 oýunda 201 goly derweзä girizdi. Lakazett «Arsenalyň» köýnekçesini 5 möwsüm geýdi (206 oýunda 71 gol).




### 13 ýyldan soň ýurduna dolandy

● Fransiýaly ýyldyz hüjümçi Oliwie Žiru 13 ýyldan soň ýurduna dolandy. 2024-nji ýylyň tomsundan bäri ABŞ-nyň «Los Anjeles FK» toparynda çykyş edip gelýän 38 ýaşyndaky Žiru «Ligue 1»-iň «Lill» topary bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Fransiýada «Grenobl», «Istres», «Turs» hem-de «Monpelie» klublarynda oýnan Žiru 2012-nji ýylda «Arsenala», 5,5 möwsümden soňam «Çelsi» toparyna geçdi. 2021-2024-nji ýyllar aralygynda 3 möwsüm «Milanda» oýnan Žiru klublarda 753 duşuşykda 289 goly öz adyna ýazdyrdy. Fransiýanyň milli ýygyndysynyň iň köp gol geçiren oýunçysy (137 oýunda 57 gol) «Monpeliede» hem-de «Milanda» çempionlyk gazandy.



# Ronaldo 2 ýyllyk şertnamadan dünýäniň baýlygyny gazanar

Golaýda portugaliýaly super ýyldyz Kristiano Ronaldonyň täze möwsümdäki ykbaly belli boldy. 40 ýaşyndaky oýunçy häzirki çykyş edýän kluby «Al Nassr» bilen 2 ýyllyk täze şertnama baglaşdy.

Ol «Al Nassrda» 2,5 möwsüm çykyş edip, 105 oýunda 93 gol geçirdi, 19 asist etdi. Ronaldo «Al Nassr» bilen resmi ýaryşlarda kubok gazanyp bilmedi.

«The Sun» gazeti Ronaldonyň 2 ýyllyk täze şertnamasynyň jikme-jik maddalaryny mälim etdi. Şoňa görä, arap kluby ýyldyz oýunça 2 ýylyň dowamynda umumylykda 676 million amerikan dollary möçberinde pul tölär. Ronaldonyň ýyllyk haky 200 million bolup, ol şertnama gol çekeni üçin 34 million goşmaça töleg alar. 2-nji möwsümde ol 52 milliona çykar. Şol bir wagtyň özünde oňa klubuň paýnamalarynyň 15 göterimine gabat gelýän 45 million amerikan dollary goşmaça töleg hem ediler.

40 ýaşyndaky hüjümçi geçiren her goly üçin 110 müň, her asisti üçinem 55 müň amerikan dollaryny alar. Bu görkezijiler 2-nji ýylynda 20 göterim ýokarlanar. Portugaliýaly oýunçy eger-de «Al Nassr» çempionatda çempionlyk gazansa 11, ýyldyz oýunçy çempionatyň iň netijeli futbolçysy bolsa 5,5, şol sanda topar AFK Çempionlar Ligasy 2-de




çempion bolsa 9 million amerikan dollary möçberinde goşmaça tölegleriň eýesi bolar.

Şol bir wagtyň özünde Ronaldo «Al Nassrdan» özüniň ýörite kiçi uçarynyň ähli çykdajylary üçin 4,5 million hem alar. Mundan başga-da, klub ýyldyz oýunça yklymyň öňdebaryjy kompaniýalary bilen 83 million amerikan dollary möçberinde mahabat şertnamalaryny baglaşmaga hem ýardam berer.